TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ ÖZARA BÄHBITLI GATNAŞYKLARYMYZY GIŇELDIP, EZIZ WATANYMYZYŇ DÜNÝÄ DÖWLETLERI HEM-DE HALKARA GURAMALAR BILEN SYÝASY-DIPLOMATIK, SÖWDA-YKDYSADY, MEDENI-YNSANPERWER UGURLAR BOÝUNÇA DOSTLUKLY, AÇYK WE KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYGYNY HEMMETARAPLAÝYN ÖSDÜRÝÄRIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
7-nji awgust, 2026. Belgisi 32/1702



# TÜRKMENISTAN–ÝHHG: NETIJELI GATNAŞYKLAR ÖSDÜRILÝÄR

**5-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyna başlyklyk edýän Şweýsariýa Konfederasiýasynyň wise-prezidenti, Daşary işler federal departamentiniň başlygy Inýasio Kassisi kabul etdi**

Şweýsariýa Konfederasiýasynyň wise-prezidenti, daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy bildirilen myhmansöýerlik üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, ÝHHG-niň dünýäde parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen syýasaty durmuşa geçirýän Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly gyzyklanma bildirýändigini aýtdy hem-de ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça başlangyçlaryna ýokary baha berdi. Şeýle hem myhman Aşgabat şäheriniň, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gözel binagärlik keşbiniň özünde ýakymly täsir galdyrandygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, ýurdumyzda bu sapara Türkmenistan bilen Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň hem-de Şweýsariýa Konfederasiýasynyň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmekde möhüm tapgyr hökmünde garalýandygyny belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan sebitde we dünýäde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek ugrunda çykyş edýär. Şunda ýurdumyz ÝHHG-niň çäklerinde tagallalary utgaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Döwlet Baştutanymyz häzirki wagtda ýurdumyz bilen Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň netijeli häsiýetini belläp, her ýyl Türkmenistanyň Hökümeti bilen bu guramanyň Aşgabatdaky merkeziniň bilelikde taýýarlaýan hyzmatdaşlyk maksatnamalarynyň esasynda işleriň yzygiderli alnyp barylýandygyny aýtdy. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda adam hukuklaryny, demokratik ýörelgeleri üpjün etmäge döwlet derejesinde möhüm ähmiýet berilýändigini nygtap, bu ugurda degişli işleri dowam etdirmek we halkara tejribäni öwrenmek maksady bilen, ýurdumyzyň Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde hyzmatdaşlygy ilerletmegi maksadalaýyk hasaplaýandygyny aýtdy.

«Biziň energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna howpsuz we ygtybarly iberilmegini üpjün etmek, durnukly ykdysady ösüş üçin şertleri döretmek, ulag mümkinçiliklerimizi doly ulanmak, daşky gurşawy goramak, suw serişdelerini rejeli peýdalanmak ýaly ugurlarda hem hyzmatdaşlygy ösdürmäge oňyn şertlerimiz bar» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy hem-de Türkmenistanyň geljekde-de dünýäde parahatçylygy, ösüşi üpjün etmek ugrunda ÝHHG bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz häzirki wagtda Türkmenistan bilen Şweýsariýa Konfederasiýasynyň arasynda netijeli gatnaşyklaryň alnyp barylýandygyna ünsi çekip, ýurdumyzyň syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigini, bu babatda şweýsar tarapynyň anyk tekliplerine seretmäge taýýardygyny aýtdy hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, ýakynda bellenip geçilen Şweýsariýanyň Milli güni mynasybetli Inýasio Kassisi we ýurduň ähli halkyny ýene-de bir gezek gutlady.

Myhman gutlaglar üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatynyň dünýä nusgalykdygyny belledi hem-de Şweýsariýanyň özara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyna başlyklyk edýän Şweýsariýa Konfederasiýasynyň wise-prezidenti, Daşary işler federal departamentiniň başlygy Inýasio Kassis ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## Bitarap Türkmenistanyň halkara abraýy artýar

**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistanyň Ýer ýüzünde parahatçylyk ýaýradyjy, hoşniýetli gatnaşyklary berkarar edip, dost-doganlygy berkidiji ýurtdugyny bu gün giň dünýä jemgyýetçiligi, abraýly halkara guramalar, syýasatçylar ykrar edýär.**

Munuň şeýledigini ýakynda BMG-niň Baş Assambleýasyndan gelip gowşan hoş habar hem tassyklaýar. Şol hoş habaryň mazmunyna görä, şu ýylyň 24-nji iýulynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 106-njy plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda hödürlenen «2028-nji ýyl – Halkara hukuk ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Resminamanyň awtordaşlary hökmünde 78 döwlet çykyş etdi. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň öňe süren başlangyjynyň häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýändigini, şeýle hem halkara gatnaşyklarynda kanunylygyň, adalatlylygyň we hukugyň ähmiýetiniň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen tagallalaryň giň goldawa eýe bolýandygyny aýdyň görkezýär. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýubileý mejlisindäki çykyşynda 2028-nji ýyly «Halkara hukugynyň ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjy öňe sürüpdi.

Kararnamada agza döwletler, Birleşen Milletler Guramasynyň düzümleri hem-de beýleki gyzyklanma bildirýän degişli taraplar halkara hukuga hormat goýmaga we oňa düşünmäge ýardam bermek maksady bilen, bilim beriş çärelerini, bu ugurda mümkinçilikleri giňeltmek we jemgyýetçiligiň habarlylygyny ýokarlandyrmak boýunça çäreleri guramak arkaly Halkara hukuk ýylyny bellemäge çagyrylýar hem-de Türkmenistanyň 2028-nji ýylyň dekabrynda Halkara hukuk boýunça ählumumy forumy geçirmek baradaky başlangyjyny goldaýar diýlip bellenilýär.



Şundan ugur alyp, ýurdumyzda 2028-nji ýylda Halkara hukuk ýylyny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek we oňa toplumlaýyn taýýarlyk görmek maksady bilen, 2026 – 2028-nji ýyllar üçin Milli hereketleriň meýilnamasy işlenip taýýarlanar. ■ 3

## Ýurdumyzyň wekiliýeti Yslamabatda geçirilen duşuşyga gatnaşdy

**29–30-njy iýulda Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň wekilleri Yslamabat şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa Sebitleýin Ykdysady Hyzmatdaşlyk Maksatnamasynyň (CAREC) sanly geçelge boýunça maslahat beriş duşuşygyna gatnaşdy.**



Maslahat beriş duşuşygyna Pakistan Yslam Respublikasynyň Maglumat tehnologiýalary we telekommunikasiýalar boýunça federal ministri Şaza Fatima Hawaja, Aziýa Ösüş Bankynyň Pakistandaky wekilhanasynyň direktory Emma Fan, şeýle hem CAREC maksatnamasyna agza dokuz ýurduň döwlet edaralarynyň, aragatnaşyk operatorlarynyň, düzgünleşdiriji edaralaryň, halkara guramalarynyň, ösüş boýunça hyzmatdaşlaryň we tehniki bilermenleriň ýokary derejeli wekilleri gatnaşdylar.

Ara alyp maslahatlaşmalaryň dowamynda Türkmenistanyň wekilleri ýurduň sebit ykdysady hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmäge, sanly özgertmeleri ilerletmäge hem-de sebit döwletleriniň özara baglanyşygyny pugtalandyrmaga gönükdirilen bilelikdäki başlangyçlary durmuşa geçirmäge ygrarlydygyny tassykladylar.

Türkmen tarapy CAREC giňişliginde döwrebap sanly gurşawy kemala getirmegiň durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmegiň, serhetüsti sanly hyzmatlary giňeltmegiň we sebit integrasiýasyny berkitmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýandygyny nygtady.

Şeýle hem türkmen wekilleri foruma gatnaşyjylary ýurtda telekommunikasiýa düzümini döwrebaplaşdyrmak, sanly döwlet hyzmatlaryny ösdürmek we häzirki zaman sanly çözgütleri, şol sanda saglygy goraýyş ulgamynda ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan giň gerimli işler bilen tanyşdyrdylar.

## Türkmen talyplarynyň halkara üstünligi

**Türkmen talyplary 27-nji iýul - 3-nji awgust aralygynda Bolgariýa Respublikasynyň Blagoýewgrad şäherinde geçirilen «IMC-2026» 33-nji Halkara matematika olimpiadasynda uly üstünlik gazandy. Olimpiada London Uniwersitet kolleji (Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygy) bilen Bolgariýadaky Amerikan uniwersiteti tarapyndan bilelikde guraldy.**

Halkara olimpiada ABŞ, Russiýa, Angliýa, Germaniýa, Fransiýa, Ispaniýa, Italiýa, Hytaý, Eýran, Hindistan, Saud Arabystany, Meksika, Braziliýa, Argentina, Singapur, Azerbaýjan, Wengriýa, Polşa, Rumyniýa, Günorta Afrika, Müsür, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Alžir, Tunis, Bolgariýa, Gruziýa, Ermenistan, Özbegistan, Gazagystan, Türkmenistan ýaly 47 döwletden, takmynan, 450 talyp gatnaşdy.

Abraýly bäsleşikde türkmen talyplary jemi 9 medala – 6 altyn we 3 kümüş medala mynasyp boldular.

Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň düzümine Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň hem-de Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyplary girdi.

Olimpiada iňlis dilinde iki tapgyrda geçirildi. Her tapgyrda gatnaşyjylara çylşyrymly 5 mesele hödürlenildi. Bäsleşigiň ýumuşlary matematiki seljerme, çyzykly we abstrakt algebra, funksional seljerme, seljeriş geometriýa, kombinatorika hem-de sanlar nazaryýeti ýaly ugurlary öz içine aldy.

«IMC» (International Mathematics Competition for University Students) olimpiadasy 1994-nji ýyldan bäri geçirilýär we her ýyl dünýäniň onlarça döwletinden ýüzlerçe zehinli talyby birleşdirýän iň abraýly halkara matematika bäsleşikleriniň biridir.



**Emeli aň gigafabrigi gurulýar**
Ýewropa Komissiýasy sebitde äpet emeli aň fabrikleriniň gurluşygy üçin halkara bäsleşik yglan etdi. ■ 4



**Üzümiň saglyga peýdasy**
Iň datly miweleriň biri bolan üzüm witaminleriň we minerallaryň baý çeşmesi hasaplanýar. ■ 5



**Bütindünýä garpyz güni**
Her ýylyň 3-nji awgustynda Bütindünýä garpyz güni bellenilip, garpyzdan taýýarlanýan iýmitler köpçülige hödürlenýär. ■ 6



**«Arkadag» topary 3-nji gezek Naýbaşy Kubogy eýeledi**
Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogyna bu ýyl hem «Arkadag» topary mynasyp boldy. ■ 7




# SAGDYN ENE – SAGDYN ÇAGA – SAGDYN GELJEK

**5-nji awgustda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hem-de BMG-niň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň bilelikde guramagynda diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goldamak ulgamlaryny berkitmek boýunça ýokary derejeli milli «tegelek stol» maslahaty geçirildi.**

Bu iri çärä Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa, Mejlisiň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, ugurdaş edaralaryň, ýokary okuw mekdepleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen edaralarynyň, iri halkara maliýe düzümleriniň, ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalaryň wekilleri gatnaşdylar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy Sýaoszýun Greýs Wan maslahaty açyp, şeýle ähmiýetli halkara çäräni geçirmäge berlen goldaw üçin Türkmenistanyň Hökümetine we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Soňra BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili hanym Jalpa Ratna söz berildi. Ol hemmeleri mähirli mübärekläp, diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goldamak ulgamlaryny pugtalandyrmaga bagyşlanan milli «tegelek stol» maslahatyna gatnaşmagyň ÝUNISEF üçin uly hormatdygyny belläp, wekilçilik edýän guramasynyň adyndan haýyr-sahawat gaznasyna tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Soňra çykyş etmek üçin Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa söz berildi.

Gaznanyň wise-prezidenti maslahata gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, hemmelere minnetdarlyk bildirdi we çykyşyny BMG-niň resmi dilleriniň biri bolan iňlis dilinde dowam etdi. Oguljahan Atabaýewa şu duşuşygyň ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy, hususan-da, ÝUNISEF bilen netijeli hyzmatdaşlygynyň ýene-de bir aýdyň nyşany bolup durýandygyny aýtdy hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, tutuş toparyň tutanýerli zähmetini, işine ygrarlylygyny aýratyn belledi.

Gaznanyň wise-prezidenti bu duşuşygyň maksadynyň diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň ähmiýeti, aýratyn-da, Türkmenistanda bu babatda habarlylygy mundan beýläk-de ýokarlandyrmak bilen baglydygyny nygtap, häzirki wagtda Ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň bütindünýä hepdeliginiň geçirilýändigi sebäpli, gazanylan ösüşe baha bermek we geljekki ädimleri kesgitlemek üçin bu mümkinçilikden peýdalanmagyň möhümdigine ünsi çekdi.

Bellenilişi ýaly, enäniň we çaganyň saglygyny goramak ýurdumyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryndadyr. «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak, maşgala



durmuşynyň medeniýetini kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi wagyz etmek we goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi döwletimiziň çagany diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmek meselesine uly üns berýändigini subut edýär. «Sagdyn ene – sagdyn çaga – sagdyn geljek» diýen milli ýörelgä laýyklykda, bu ugurda giň gerimli işler dowam etdirilýär.

Çaganyň ömrüniň ilkinji alty aýynda ony diňe ene süýdi bilen iýmitlendirýän eneleri goldamagy güýçlendirmek boýunça milli çäreler bu tagallalaryň möhüm bölegidir. Ene süýdi bilen iýmitlendirilýän çaga beden we ruhy taýdan hemişe enesine ýakyn baglanyşykda bolýar. Ol enesiniň ýürek urşuny, mähirli sesini eşidýär, elleriniň ýylysyny duýýar we enelik söýgüsi bilen gurşalýar. Şeýle ýakynlyk çaganyň nerw, endokrin ulgamlarynyň ýaşyna laýyklykda dogry ösmegine, ähli beden agzalarynyň kadaly kemala gelmegine ýardam edýär.

«Ene süýdi bilen iýmitlendirmek ýokary jogapkärçiligi talap edýän özboluşly prosesdir. Bu ýerde biz saglygy goraýyş ulgamynyň aýratyn ornuny nygtamalydyrys. Zenanlar göwreli wagtynda, dogum we dogumdan soňky döwürde yzygiderli, ýokary hilli maslahatlary, amaly kömegi almalydyrlar. Ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegi edaralary enelere kynçylyklary ýeňip geçmäge, ene süýdi bilen iýmitlendirmegi üstünlikli ýola goýmaga kömek etmekde esasy orny eýeleýär. Şeýle hem bu ugurda köpçülikleýin tagallalar zerurdyr. Mejlis, döwlet edaralary, lukmançylyk işgärleri, işewürler, raýat jemgyýeti, jemgyýetçilik we ösüş boýunça hyzmatdaşlar – bularyň her biri enäniň çagany iýmitlendirmek barada düşünjeli çözgütleri kabul edip biljek we zerur goldawy alyp biljek gurşawyny döretmekde öz ornuny eýeleýär. Hakykatdan-da, ene süýdi bilen iýmitlendirmäge maýa goýmak milletiň geljegine maýa goýmakdyr. Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goldamak çagalaryň goraglylygyny, iýmitlenmegini we ösüşini ýokarlandyrýar, eneleriň saglygyny pugtalandyrýar, saglygy goraýşa çykdajylary peseldýär, has sagdyn we öndürijilikli jemgyýetiň kemala gelmegine goşant goşýar» diýip, Oguljahan Atabaýewa aýtdy we diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goldamak ulgamlaryny berkitmek boýunça anyk çäreleri işläp taýýarlamagyň zerurdygyny nygtady.

Gaznanyň wise-prezidenti ýerli eneleri çekmek bilen, «deňe-deň» ýörelgesi boýunça maslahatlary guramagy teklip edip, olara ýokary hünär derejeli şepagat uýalarynyň ýa-da laktasiýa boýunça hünärmenleriň sapak berip biljekdiklerini aýtdy. Ol bu çemeleşmäniň käbir derejede eýýäm tejribede ulanylýandygyny, ýöne muny yzygiderli esasda ýurdumyzyň her bir künjeginde durmuşa geçirmegiň mümkindigini belläp, munuň üçin tagalla etmegiň gerekdigini aýtdy we bu işi doly amala aşyryp boljakdygyna ynam bildirdi.

Gaznanyň wise-prezidenti köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işjeň gatnaşmagynda has giň möçberli maglumat çäresini ýola goýmagy teklip edip, munuň maşgala we jemgyýet derejesinde ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň aýratyn ähmiýeti barada maglumatlary ýaýratmakda, ýerli işewürligi emdirýän eneler üçin amatly şertleri döretmäge höweslendirmekde zerurdygyny nygtady. «Şunda ýene-de berk erk-isleg we işe ygrarlylyk zerurdyr. Geliň, çagalaryň abadançylygy ugrunda bilelikde işläliň, ol bolsa enäniň süýdi bilen başlanýandyr!» diýip, Oguljahan Atabaýewa sözüni jemledi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy Sýaoszýun Greýs Wan çuň manyly çykyşy üçin Oguljahan Atabaýewa hoşallyk bildirip, gaznanyň alyp barýan ynsanperwer işiniň möhüm ähmiýetini belledi.

Türkmen tarapynyň çykyşlarynda diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň Türkmenistanda jemgyýetçilik saglygy goraýyş ulgamynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup, munuň her bir çaganyň doly derejeli iýmitlenmeginiň, sagdyn we sazlaşykly ösüşiniň möhüm şertidigi bellenildi. Türkmenistanda enäniň we çaganyň saglygyny goramak meselesine döwlet derejesinde uly üns berilýär. Ýurdumyzda ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goldamak enäniň, çaganyň saglygyny goramak babatda hyzmatlaryň hataryna ornaşdyrylyp, maşgalalary goldamak hem-de olara ýokary hilli maslahatlary bermek üçin lukmançylyk işgärleriniň mümkinçilikleriniň pugtalandyrylmagy dowam etdirilýär.

Çykyşlarda ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda eneligi we çagalygy goramak, maşgala institutyny pugtalandyrmak, sagdyn nesli kemala getirmek meselelerine döwlet derejesinde uly üns berilýändigi aýdyldy. Türkmenistanda zenanlaryň we ýaş maşgalalaryň arasynda diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmek meselesi boýunça yzygiderli wagyz-nesihat işleri geçirilýär. Bu işde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna wajyp orun degişlidir.

Çykyşlar tamamlanandan soňra, diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goldamak barada animasion şekiller görkezildi. Onda ene süýdüniň ähmiýeti we peýdalary barada giňişleýin maglumat berildi. Soňra maslahat mowzuklaýyn sessiýalar bilen dowam etdi.

«Türkmenistanda ene süýdi bilen iýmitlendirmek: subutnamalar we seljerme» atly sessiýada ene süýdi bilen iýmitlendirmek ulgamynda geçirilen seljerme işleriniň netijeleri tanyşdyryldy hem-de maşgalalary goldamagy güýçlendirmek boýunça birnäçe maslahatlar beýan edildi.

«Ene süýdi bilen iýmitlendirmek boýunça bilelikdäki media taslamasynyň netijeleri» atly sessiýada bolsa Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, ÝUNISEF, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy, Zenanlar birleşigi tarapyndan bilelikde geçirilen «Ene süýdi – iň gowy başlangyç» çäresiniň netijelerine üns berildi. Munuň özi çagany ilkinji alty aýda diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň möhümdigi barada habarlylygy ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

«Ene süýdi bilen iýmitlendirmekde goldaw hyzmatlaryny berkitmek» atly sessiýada ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň ylmy taýdan esaslandyrylan peýdalary we bu ugurda okuw maksatnamalarynyň netijeleri barada giňişleýin maglumat berildi.

«Kanunçylyk we syýasat gurşawy» atly sessiýada Türkmenistanyň Konstitusiýasynda: «Maşgala, enelik, atalyk we çagalyk döwletiň goragynda durýar» diýlip bellenilýändigine üns çekildi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda ene-atanyň, çagalaryň hukuklaryny goraýan birnäçe kanunçylyk namalarynyň hereket edýändigi aýdyldy. Şolaryň hatarynda «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi wagyz etmek we goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny möhüm orny eýeleýär. Kanunyň esasy maksady eneleriň çagalary ene süýdi bilen iýmitlendirmeginiň ähmiýetini, onuň enäniň we çaganyň saglygyna ýetirýän oňyn täsirini wagyz etmek bilen baglanyşykly gatnaşyklaryň bir bitewi hukuk esasyny döretmekden ybaratdyr.

«Indiki ädimler» atly jemleýji sessiýada çykyş etmek üçin Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa söz berildi.

O.Atabaýewa duşuşygy jemläp, diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegi ilerletmek üçin alnyp barylýan işleriň ähmiýetini belledi we bu ugurda bilelikde hereket etmegiň zerurdygyny nygtap, şu maslahatyň dowamynda netijeli pikir alşylandygyna ynam bildirdi.

Gaznanyň wise-prezidenti ähli milli we daşary ýurtly hyzmatdaşlara işjeň gatnaşandyklary, bu meselä üns berendikleri üçin minnetdarlyk bildirip, hemmeleri bu ugurdaky tagallalary dowam etdirmäge we çagalaryň röwşen geljegine maýa goýmaga çagyrdy.

## Üç gije-gündizläp ýaňlanan saz

**Germaniýanyň Nýurnberg şäherinde 1800-den gowrak sazanda Keramatly Ýakow ybadathanasynda 72 sagadyň dowamynda yzyny üzmän saz çalyp, dünýä rekordyny goýdy. 30-njy iýul – 2-nji awgust aralygynda geçen bu marafona Bawariýanyň 140-dan gowrak üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary orkestri gezekleşip gatnaşdy. Çäre Germaniýada giňden ýaýran mis saz gurallary ansambllarynyň köpdürli repertuaryny görkezmek hem-de täze sazandalary çekmek maksady bilen guraldy. Sazandalar toparynyň her biri 90 minutdan çykyş etdiler. Indiki topar ara salym bermän, sazy dowam etdirdi. Düzgüne görä, toparlar çalşanda, sazyň arasy bir sekunt hem kesilmeli däl. Marafonyň netijesini resmi taýdan tassyklamak üçin degişli resminamalar Germaniýanyň Rekordlar institutyna iberildi. Institutyň bilermenleri geçirilen rekord synagynyň üstünlikli tamamlanandygyny tassykladylar.**




**Mundan ozal şu ugurda rekord goýulmadyk hem bolsa, saz bilen bagly başga rekordlar bar. Geçen ýylyň 9-10-njy maýynda Nigeriýanyň Lagos şäherinde Joşua Olusanýa uzak wagtlap surnaýa meňzeş saz guraly bolan trompet çalmakda rekord goýupdy. 25 sagat 30 minutlap dowam eden bu synanyşyk Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitaby tarapyndan hasaba alyndy.**

**Jemal HAÝYDOWA,**
***Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Medeniýet köşgüniň esasy usulyýetçisi.***

## Tomus pasly üçin peýdaly maslahatlar

- **Tomus paslynda çagalara we gartaşan adamlara ir säher bilen, sagat 06.00-dan-09.00-a çenli, öýlän bolsa sagat 18.00-dan-21.00-a çenli gezelenç etmek maslahat berilýär.**
- **Tomus paslynyň aýratynlyklaryna laýyklykda geýinmeli. Daşaryk çykylanda Günüň ýiti göni şöhlesinden goranmak üçin başgap geýmeli, ýaglyk örtünmeli, Günden goraýan saýawanlary ulanmaly. Ýanyňyza ýeterlik mukdarda agyz suwuny almaly.**
- **Sagdyn we kadaly iýmitlenip, günüň dowamynda gök önümleridir miweleri köpräk iýmeli. Gök we miwe önümleri arassaçylyk talaplaryna laýyklykda saklanmaly.**
- **Ýiti iýmit zäherlenmeleriň we ýiti içege ýokanç keselleriniň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerine bildirilýän arassaçylyk talaplaryny doly hem-de dogry berjaý etmeli. Olary söwda merkezlerinden, ak bazarlardan satyn almaly.**



- **Tomus paslynda şöhlat önümlerini we demir, aýna gaplara gaplanan iýmit önümlerini ürç edip iýmekden saklanmaly.**
- **Günüň dowamynda kabul edilýän nahar duzy 3-5 gramdan artyk bolmaly däl.**
- **Günüň dowamynda 1,5-2 litrden az bolmadyk arassa agyz suwuny içmeli.**
- **Yssy howada daşardan içeri girilende bedeniň gyzgynlygyny aýyrmak üçin işläp duran sergindijiniň öňünde göni durmakdan we sowadyjyda duran sowuk suwy içmekden saklanmaly.**
- **Saglyk döwlet ätiýaçlandyrmasyny baglanyşyp, döredilen ýeňilliklerden peýdalanyp, ýylda bir gezek ýurdumyzda hereket edýän şypahanalarda dynç almaly.**

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.***

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 7-si, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119219
Belgisi: 32/1702
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# BITARAP TÜRKMENISTANYŇ HALKARA ABRAÝY ARTÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle-de «Halkara hukugy we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly milli konsepsiýany taýýarlamak we ony Birleşen Milletler Guramasynyň resminamasy hökmünde BMG-niň agza döwletleriniň arasynda



ýaýratmak, milli we halkara bilermenleriň gatnaşmagynda ýurdumyzda halkara hukugynyň dürli ugurlaryna bagyşlanan sebit we halkara maslahatlary hem-de duşuşyklary geçirmek, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň binýadynda «Halkara hukugy» atly Aşgabat halkara platformasyny döretmek, milli we halkara bilermenleriň gatnaşmagynda halkara hukugy boýunça okuw, ylmy-usulyýet we maglumat gollanmalaryny işläp taýýarlamak, elektron bilim serişdelerini döretmek ýaly birnäçe işleri geçirmek meýilleşdirilýär.

Umuman, «2028-nji ýyl – Halkara hukuk ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi halkymyzda çuňňur buýsanç döretdi. Şeýle halkara başlangyçlardyr teklipleriň yzygiderli durmuşa geçirilmegi bolsa, Türkmenistan döwletimiziň dünýä we sebit syýasatyndaky ähmiýetli ornuny has-da berkidýär.

Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary bilen durmuşa geçirilýän hemişelik Bitaraplyk taglymatynda, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan hoşniýetli syýasatynda dünýäniň asuda geljegine, halklaryň bagtyýarlygyna gönükdirilen beýik maksatlar bar. Adamzadyň bähbidine, ynsanperwerlige ýugrulan beýik işleri mydama rowaç alsyn!

**Parahat ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň harby talyby.*

# ÝAŞLAR – MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ WE JEMGYÝETIMIZIŇ GELJEGI

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine giňden taýýarlyk görülýän häzirki günlerde ýurdumyzda ähli ugurlarda üstünlikler gazanylýar hem-de geljekki strategik maksatnamalaryna badalga berilýär. Bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy wakanyň bosagasynda, ýaş nesilleriň ösüş derejesini, ýurtda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň mazmunyny hem-de onuň durmuş ugurlylygyny ara alyp maslahatlaşmak aýratyn ähmiýete eýedir.

Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty ýurdumyzyň ähmiýetli ösüş ugurlarynyň biridir. Eziz Diýarymyzda ýaş nesliň döredijilik, ylmy-bilim we zähmet mümkinçiliklerini doly amala aşyrmaklary üçin ähli şertler döredilýär. Häzirki wagtda täze okuw möwsümi üçin ýokary okuw mekdeplerine giriş synaglarynyň üstünlikli geçirilmeginiň ýola goýulmagy muny aýdyňlygy bilen görkezýär. Giriş synaglarynyň dowam edýän günlerinde ýokary okuw mekdeplerine kabul edilýän talyplaryň sanynyň her ýyl artdyrylmagy bellärliklidir. Mundan başga-da, olaryň halkara bilim ulgamlaryna laýyk bilim almagy üpjün edilen ýokary okuw mekdeplerinde täze ugurlaryň döredilmegi buýsandyryjydyr.

Türkmen ýaşlarynyň ýurdumyzyň milli demokratik ýörelgelerini ösdürmek we jemgyýetçilik işlerine giňden gatnaşmaklaryny üpjün etmek boýunça hem dürli çäreler geçirilýär. Şunda talyp ýaşlaryň sentýabr aýynyň 23-ine geçirilmegi meýilleşdirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine her ýylda gatnaşmaklary ýola



goýulýar. Türkmenistan döwletimiziň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyndaky esasy wakalaryň biri bolan bu ýokary derejeli maslahata türkmen ýaşlarynyň gatnaşmaklary döwletimiziň geljekki durmuş-ykdysady ösüşiniň ugurlaryny kesgitlemek baradaky kararlaryna goşant goşmaklaryny üpjün edýär. Bu bolsa, ýaşlar syýasatynyň kämilleşýändigini görkezýär. Çünki ýaşlar baradaky syýasatyň kämilleşdirilmegi ýurdumyzda ösüşiň hakyky hereketlendirijisi bolup hyzmat edýär. Ýaşlaryň döwlet dolandyryşyna, ykdysady özgertmelere, innowasion taslamalara işjeň çekilmegi Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň belent maksatlaryna doly gabat gelýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine taýýarlyk görülýän döwürde ýaşlaryň arasynda durmuş ugurly döwlet syýasatynyň ähmiýetini giňden düşündirmek, olaryň döredijilikli zähmetine hem-de Watanymyzyň galkynyşyna bolan ynamyny artdyrmak möhüm wezipeleriň biridir.

«Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» ýörelgesi hormatly Prezidentimiziň öňe süren baş şygarydyr we esasy syýasy-jemgyýetçilik ýörelgesidir. Bu baş ýörelge ýaşlaryň bagtyýar geljegini, olaryň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde kabul ediljek kararlar we belleniljek täze sepgitler ýaş nesillerimiziň ylym-bilim we zähmet ýeňişlerine bolan ynamyny has-da berkider.

**Habib HALMAMEDOW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Az-azdan, ýöne ýygy-ýygydan iýmeli

Wagtly-wagtynda geregiçe iýip-içmek her bir adam üçin örän möhümdir. Eger zerur mukdardan az iýilse, horlanyp, tapdan düşmäge getirýär. Aşa köp iýmek hem saglyk üçin zyýanlydyr. Şonuň üçin ylaýta-da, çagalardyr ýetginjekleriň naharlanyşyny üns bermeli. Sebäbi olaryň ösüp barýan bedeni witaminli iýmitleri kän talap edýär. Dogry, kadaly naharlanmagyň ýaş ýetginjekleriň sagdyn ösüp-ulalmagynda ähmiýeti örän uludyr. Muňa garamazdan, käbir adamlar çendenaşa köp iýip, ýakar-ýakmaz gury-gurak iýip oňýarlar. Bolmanda her gün bir gezek gyzgyn naharyň zerurdygyna üns hem bermeýärler. Özleri-de howul-hara iýip-içýärler. Bu bolsa köplenç azganlylyk, aşgazan-içege, bagyr keselleriniň döremegine getirýär.

Iýermen adamyň ýagdaýy gitdigiçe kynlaşýar. Olaryň aşgazandyr iýmit siňdiriş agzalary basym sandan çykýar, işe ukybyny peseldýär, zehini, akyly kütelişip, soňabaka bedeni gowşaýar. Ýüregagyrydan ejir çekýänlerem az bolmaýar. Wagtly-wagtynda ýokumly iýmitler bilen dogry iýmitlenýän adamlar bu dertden daşda bolýarlar. Kadaly iýmitden ynsan bedeni özüne gerekli beloklary, ýaglary, uglewodlary, mineral maddalary, witaminleri alýar. Hususan-da, gök önümleri



ýylyň ähli döwründe iýmek zerur. Çünki gök önümleriň düzüminde adam bedenine zerur bolan dürli witaminler köp.

«Görkem agyzdan, derdem» diýlişi ýaly, köp iýmek zyýanly. Bir oturyşda aşa doýup iýmek aşgazanyň süýnüp, göwrüminiň giňelmegine getirýär, çeýeligini gowşadýar. Şonça iýmiti siňdirmek üçin şol mukdarda suwuklyk gerek. Çalt işlemeli bolýandygy, aşa agram düşýändigi üçin beden agzalarynyň sazlaşygy bozulýar. Netijede, beden zerur beloklary, witaminleri, beýleki maddalary alyp bilmeýär.

Eýsem, dogry iýmitlenmek üçin näme etmeli? Bu sowalyň ýönekeý jogaby bar. Birbada köp iýmeli däl. Gündelik düzgüni kadaly berjaý etmeli. Gündogaryň pähimine eýerip, «Az-azdan, ýöne ýygy-ýygydan iýmeli».

Her gün dört gezek - ertirlik, guşluk, günortanlyk hem-de agşamlyk naharlanmak her bir adam üçin peýdalydyr. Ýatylmazdan öň aşa doýmak saglyk üçin örän zyýanlydyr. Dok garnyňa ukyňy gowy alyp bolmaýandygy bilen bir hatarda, adamy aşa semredip, ýürek, gan-damar kesellerine duçar edýär. Agşamlyk naharyny ýatylmazdan 1,5-2 sagat öň iýmeli. Bu düzgün berjaý edilmese, adam ilki bilen oňat uklap bilmez we aşgazanyň işleýşinde näsazlyk çykar.

Nahary howlukman iýmeli. Naharlanýarkaň ünsüňi başga ýana sowmak hem zyýanly. Nahary haýal iýmegiň peýdalydygyny geçirilen ylmy barlaglar görkezýär. Şu aýdylanlar doly we dogry berjaý edilse, sagdyn ýaşamaga giň mümkinçilikler döreýär.

**Arazberdi REJEPOW,**
*Köneürgenç etrap saglygy goraýyş işgärleriniň kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramasynyň başlygy.*

# ÇAGALYKDAN ŞINELÄN ZEHIN



Dünýäde arzylanýan kär, hünär kän. Şeýle bolansoň, her bir ynsan saýlap alan hünärine çagalykdan imrinýär. Onsoň ýaş zehin şol ýyllardan şineläp kök urmaga başlaýar, özbaşdak zähmete başlansoňam şol hünär onuň bütin ömrüne, ykbalyna bezeg berýär. Biz munuň hakykatdanam şeýledigine Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň heýkeltaraşlyk kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy Polat Mämiýewiň döredijilik dünýäsine syýahat edenimizde has içgin göz ýetirdik.

Polat Mämiýew 1980-nji ýylyň 30-njy martynda Aşgabat şäherinde dogulýar. Ol heniz mekdep ýaşyna ýetmänkä, palçykdan adamyň, haýwanlaryň şekillerini ýasamaga höwesek eken. Muny ilkinji duýan kakasy arhitektor Kakageldi aga bolupdyr. Bir gün: «Ine, oglum, saňa dürli reňkdäki plastilinlerden bir toparyny getirdim. Indi sen palçyk oýnap ýörmeli bolmarsyň. Plastilinden ýasamagy öwren!» diýip, başyny sypan hem kakasy eken.

Şol günden başlap Polat plastilinden şekil ýasap başlaýar. Ol mekdepde okan ýyllary surat çekmek, plastilinden adamyň, atyň, şonuň ýaly-da dutar, gyjak ýaly saz gurallarynyň keşbini ýasamaga türgenleşipdir. Eýýäm ýokary synplarda okaýan wagtlary onuň ady öz ugruny saýlan okuwçylaryň hatarynda tutulyp başlanypdyr.

P.Mämiýew 1995-nji ýylda paýtagtyň şol wagtky 54-nji orta mekdebiniň sekizinji synpyny tamamlap, Bäşim Nuraly adyndaky çagalar çeperçilik mekdebini, soňra Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň ýanyndaky ýörite çeperçilik mekdebini tamamlaýar. 1999-njy ýylda bolsa Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasyna okuwa girýär. B.Nuraly adyndaky çeperçilik mekdebinde oňa Jemile Amanowa, Wepa Orazberdiýew halypalyk etseler, ýörite çeperçilik mekdebinde Türkmenistanyň halk suratkeşleri Babasary Annamyradow, Türkmenistanyň Gahrymany Saragt Babaýew dagy halypalyk edýär. Saragt Babaýew Poladyň çeperçilik akademiýasynda okan ýyllarynda-da baş halypasy bolýar. Bu günki gün Polat Mämiýew halypa, ussat heýkeltaraş Saragt Babaýew bilen bir ýerde işläp, onuň bilen her bir işde maslahatlaşyp durýar.

Heýkeltaraş Polat Mämiýewiň elinden çykan eserleriň käbiri hakynda aýratyn durup geçmezlik mümkin däl. Biz Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi, ezber heýkeltaraş Polat Mämiýewiň ussahanasynda bolanymyzda, zehinli şahyr Gurbannazar Ezizow, meşhur kompozitor Nury Halmämmedow we ussat aýdymçy Atageldi Garýagdyýew ýaly üç ägirdi bir ýere jemlän ajaýyp heýkele gözümiz düşdi. Ýokary derejede ýerine ýetirilen bu heýkelde dostlar ylla bir ýerde duşuşyp, häzirem pikir alşyp duran ýaly. Heýkeltaraşyň döreden eserleriniň arasynda Amangeldi Gönübegiň heýkeli aýratyn orny eýeleýär. Heýkeltaraşyň her bir döreden eseriniň aňyrsynda çuňňur filosofik many bar, ol bu heýkelinde hem Amangeldi sazandany watançy edip görkezipdir.

Bary-ýogy ýaşan otuz dokuz ýylynda saz älemine uly şahsyýet bolup siňen sazanda Jepbar Hansähediň «At çapan» sazyny çalyp duran heýkeli has hem üýtgeşik. Sazandanyň arkasynda bir bedew süýnüp barýar. Bu iş sergide görkezilende, ol baş halypasy Saragt aganyň göwnünden turan işleriň biri bolup, onuň ýokary derejede ýerine ýetirilendigini bellemegi P.Mämiýewi mundan buýana-da ruhy gözleglere atarýar.

Türkmen bedewiniň milli baýramynyň Türkmen alabaýynyň baýramy bilen toýlanan 2021-nji ýylda «Türkmen alabaý itleri» halkara assosiasiýasy tarapyndan türkmen bedewiniň hem-de alabaýynyň gözelligini beýan etmek boýunça yglan edilen bäsleşikde P.Mämiýewiň «Türkmen alabaýy» atly



heýkeli saýlanyp alnyp, bäsleşigiň ýeňijisiniň şahadatnamasyna hem-de gymmat bahaly sowgadyna mynasyp bolýar.

Ussat heýkeltaraş 2024-nji ýylyň öndümli işlän ýyllarynyň biri bolandygyny buýsanç bilen belleýär. Şol ýylyň 1-nji sentýabrynda Täjigistanyň Hatlon welaýatynyň Dusti etrabynyň Ergeş Sultanow adyndaky daýhan birleşiginde Magtymguly adyndaky umumybilim berýän orta mekdebiň açylyş dabarasy boldy. Türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli gurlup ulanmaga berlen bu orta mekdebiň binasynyň öňünde goýlan Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň awtory bolmak bagty heýkeltaraş Polat Mämiýewiň paýyna düşüpdi. Şol gün Aşgabatda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň binalar toplumy hem hormatly Prezidentimiz tarapyndan dabaraly açyldy. Mekdebiň eýwanynda oturdylan Berdimuhamet Annaýewiň ajaýyp heýkeli bolsa bu binanyň bezegine bezeg goşdy.

Hawa, çagalykdan şinelän zehin bu günki günde şägirtlerden hem birnäçesini ýetişdirdi. Olardan akademiýanyň öňki uçurymlary Maksat Nurmedow, Süleýman Atamämmedow, altynjy ýylynyň talyby Serdar Jumaýew dagy geljegine umyt bildirilýän ýaşlaryň hatarynda tanalýarlar. P.Mämiýew olaryň kömegi bilen köp ýerde sergiler gurady we gurap gelýär. Arkadag şäherindäki S.Jepbarowyň adyny göterýän sazçylyk mekdebinde, Awazadaky seýilgähleriň içinde olaryň ýasan heýkelleri – Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen guşlaryň şekilleri goýuldy. P.Mämiýewiň tebigat gözellikleriniň waspy ýetirilýän eserleri paýtagtymyzdaky «Oguzkent» myhmanhanasynda, «Ylham» seýilgähinde, «Gülzemin» söwda-dynç alyş merkeziniň diwarlarynyň bezeginde, başga-da ençeme binalarda öz beýanyny tapdy.

Zehinli heýkeltaraşyň iki ogly, iki gyzy bar. Uly gyzy Ogulnar Kakageldiýewa Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyby bolup, nakgaş ugrundan okaýar.

Polat Mämiýew talyplarda çeper özboluşlylygy ýüze çykarmakda, olaryň her biriniň döredijilik ukybyny açyp görkezmekde uly tagalla edýär. Ussat heýkeltaraş işine yhlasly ýapyşýar, agtarýar, tapýar. Onuň saz äleminiň ägirtleri Mylly Täçmyrat, Ödenýaz Nobat, Nurberdi Gul, Magtymguly Garly, Döwletgeldi Ökdir ýaly bagşy-sazandalaryň, 1948-nji ýylyň aýylganç ýertitremesi bilen baglanyşykly enäniň keşplerini heýkele geçirmek arzuwy bar. Şeýle bolansoň, Polat Mämiýewiň ýurdumyzda heýkeltaraşlaryň öndürijilikli işlemegi üçin hem-de milli gymmatlyklarymyzy giňden wasp etmäge giň mümkinçilik döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarynyň çägi ýok.

**Goçy ANNASÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň alym kätibi, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri, ýazyjy.*

*Surata düşüren*
**Ahmet TAŇRYGULYÝEW.**

# EDEBIÝAT

*Emili Dikinson: «Dünýäde hiç bir syýahat kitabyň sahypalary ýaly uzaklara äkitmez».*

## Ýazyjynyň arhiwi Milli kitaphana berildi

Fransiýanyň Hökümeti tarapyndan meşhur ýazyjy Alber Kamýunyň iň iri arhiwini satyn almak boýunça söwdalaşyk tamamlandy. Bahasy 9 million ýewro deň bolan bu golýazmalar Fransiýanyň Milli kitaphanasynyň (BnF) gaznasyna geçirildi. Bu ýerde olar ulgamlaşdyrylyp, sanly formata geçiriler hem-de tapgyrlaýyn esasda barlagçylar we köpçülik üçin elýeterli ediler. Söwdalaşyk Fransiýanyň Hökümeti, «Hermès» moda öýi hem-de CIC banky tarapyndan maliýeleşdirildi.



2024-nji ýylda özboluşly medeni ähmiýetli obýekt derejesi berlen bu arhiw 260 gutuda ýerleşdirilip, umumy uzynlygy 50 metr bolan materiallary öz içine alýar. Resminamalaryň arasynda ýazyjynyň romanlarynyň, pýesalarynyň, esseleriniň golýazmalary, iş depderçeleri, gündelikleri, gazet makalalary, fotosuratlar we şahsy hatlary bar. 1960-njy ýylda Kamýu awtoheläkçilikde wepat bolandan soň tapylan «Keseki» romanynyň özboluşly golýazmasy hem-de tamamlanmadyk «Birinji adam» romanynyň garalamalary aýratyn gymmata eýedir. 2027-nji ýylyň ýazynda Kamýua Nobel baýragynyň gowşurylmagynyň 70 ýyllygy mynasybetli bu arhiwden golýazmalaryň we beýleki materiallaryň sergisi geçiriler. Bu iri söwdalaşykdan ozal kitaphanada ýazyjynyň diňe aýry-aýry materiallary, şol sanda «Gyrgyn» romanynyň golýazmasy saklanýardy.

## Ispaniýada iň gadymy kitaphana tapyldy

Ispaniýanyň Kordowa we Granada uniwersitetleriniň alymlary Kordowa welaýatynyň Fuente-Alamo toplumynda Iberiýa ýarymadasynyň iň gadymy kitaphanasyny ýüze çykardylar. «Journal of Mediterranean Archaeology» žurnalynda çap edilen barlaglara görä, bu tapyndy tutuş Rim imperiýasynyň günbatar çägindäki iň gadymy hem-de iň gowy saklanan kitaphanalaryň biri hasaplanýar. Toplumyň 10-njy otagynda kitap tekjeleri üçin ýörite öýjükleriň, podiumyň we goşmaça otaglaryň bolmagy binanyň diňe bir Mitra taňrysynyň ybadathanasy bolman, eýsem, hakyky kitaphana hökmünde ulanylandygyny subut edýär.



Taryhy maglumatlara görä, miladydan öňki I asyrda hammam hökmünde gurlan bu bina miladynyň III asyrynda mülke öwrülipdir. IV asyrda bolsa gaýtadan gurlup, kitaphana hökmünde peýdalanylyp başlanypdyr hem-de VI asyrdaky täze özgerişliklere çenli öz taryhy ähmiýetini we meşhurlygyny saklapdyr.

**ZÜLEÝHA HAÝDAROWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň müdiri.*

## BUKER BAÝRAGYNYŇ UZYN SANAWY




Buker baýragynyň guramaçylary 2026-njy ýylyň baýragyna dalaşgärleriň uzyn sanawyny (long-list) köpçülige ýetirdiler. Dünýä boýunça uly abraýa eýe bolan bu baýraga ýedi ýurtdan 13 eser hödürlenip, olaryň köp bölegine Beýik Britaniýanyň wekilleri mynasyp boldy. Emin agzalarynyň düzümine ýazyjy Raýmond Antrobus, sazanda Jarwis Koker, žurnalist Rebekka Lýu we ýazyjy Patrisiýa Lokwud ýaly meşhur şahsyýetler girdi. Baýragyň gysga sanawynyň (short-list) sentýabr aýynyň 22-sine köpçülige ýetirilmegine ýeňijiniň bolsa noýabr aýynyň 9-yna yglan edilmegine garaşylýar.

Bäsleşigiň uzyn sanawyna Hloýa Aridhisiň «Jisimiň kölegesi» (The Shadow of the Object), Emma Klaýnyň «Switzy» (Switzy), Makenna Gudmanyň «Hiç ýerli Ýelena» (Helen of Nowhere), M. Jon Harrisonyň «Hemme zadyň soňy» (The End of Everything), Marlon Jeýmsiň «Ýitenler» (The Disappearers), Lýuk Kennardyň «Gara torba» (Black Bag), Kenan Orhanyň «Dikeldiş» (The Renovation), Rebekka Perriniň «Patyşa tagam çekiň» (May We Feed the King), Gwendolin Raýliniň «Palma jaýy» (The Palm House), Elizabet Strautyň «Biziň hiç wagt aýtmaýan zatlarymyz» (The Things We Never Say), Duglas Stýuartyň «Jonuň Jony» (John of John), Jamel Waýtyň «Itleriň hemmesi» (All Them Dogs) hem-de Missuri Williamsyň «Wiwisektorlar» (The Vivisectors) diýen eserleri girizildi.

Sanawa giren awtorlaryň arasynda tejribeli halypalar bilen bir hatarda täze ýazyjylar hem bar. Dalaşgärleriň arasynda 2015-nji ýylda «Ýedi ölümiň gysgaça taryhy» eseri üçin baýraga mynasyp bolan Marlon Jeýms we 2020-nji ýylda «Şaggi Beýn» atly ilkinji romany bilen ýeňiji bolan Duglas Stýuart ýaly öňki ýyllaryň iki sany ýeňijisi ýer alýar. Meşhur amerikan ýazyjysy Elizabet Straut üçin bu baýraga dalaşgärlik eýýäm üçünji gezekdir. 81 ýaşly M.Jon Harrison ýeňiş gazanan ýagdaýynda Buker baýragynyň taryhynda iň uly ýaşly ýeňiji hökmünde hasaba alnar. Şeýle hem bu ýylky uzyn sanawa ilkinji gezek eser ýazan üç awtor – amerikaly Makenna Gudman, irlandiýaly Jamel Waýt we türk-amerikan kyssaçysy Kenan Orhan girdi.

Ýatlap geçsek, Buker baýragy 1968-nji ýylda esaslandyrylyp, ilkinji gezek 1969-njy ýylda gowşuryldy. 2014-nji ýyldan bäri girizilen düzgünlere görä, eser iňlis dilinde ýazylan we Beýik Britaniýada çap edilen bolsa, islendik ýurduň awtorlary bu abraýly baýraga dalaş etmäge hukuk gazanýarlar.

## «ODISSEÝA» EDEBIÝATA GYZYKLANMANY ARTDYRÝAR

Režissýor Kristofer Nolanyň surata düşüren «Odisseýa» atly täze çeper filmi dünýäde kino kassa ýygymlaryny toplamakda öňdeligi saklamak bilen, bir hatarda, Gomeriň adybir epiki eserini okamaga hem-de grek dilini öwrenmäge bolan gyzyklanmanyň görnetin artmagyna getirdi. Maglumatlara görä, filmiň prokata çykmagy bilen Beýik Britaniýada Gomeriň poemasynyň satylyşy 70 göterim, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda 76 göterim ýokarlandy. Şeýle hem Fransiýada audiokitaplaryň diňlenişi 750 göterimden geçdi, internet torlarynda bolsa «grek dilini öwrenmek» baradaky gözleg soraglarynyň sany birnäçe esse köpeldi. Ýylyň iň girdejili kinofilmleriniň birine öwrülen bu taslama adamlaryň diňe bir kinoteatrlara gelmegini gazanman, eýsem, gadymy edebiýat hem-de medeni mi-




rasy çuňňur öwrenmeklerine güýçli itergi berdi. Dünýäniň medeniýet we dil hünärmenleri bu meýilleriň grek halkynyň taryhy hem-de döwrebap mirasyna bolan düşünjäni çuňlaşdyrmaga uly goşant goşýandygyny belleýärler.

Şol bir wagtyň özünde filmiň awtorlyk çemeleşmesi käbir akademik we edebiýatçy hünärmenleriň garşylykly pikirlerine hem-de tankytlaryna sezewar boldy. Mysal üçin, Gomeriň eserini iňlis diline geçiren belli dilçi Emili Uilson filmiň kinematografik gerimini we tomaşaçylary kitap okamaga höweslendirmekdäki uly hyzmatyny ykrar etmek bilen birlikde, ssenariniň çeperçilik hem-de emosional çuňlugynyň gowşakdygyny belledi. Dürli garaýyşlara garamazdan, synçylar bu kinokompozisiýanyň nusgawy edebi mirasy wagyz etmek işine goşan goşandyny aýratyn nygtaýarlar. Bu ugurdaky giň gerimli meşhurlyk we jemgyýetçilik çekişmeleri emeli aň ulgamynda hem taryhy taýdan takyk täze taslamalary öňe sürmek baradaky tekliplere itergi berdi.

## «CHATGPT» AWTORLARYŇ TÄRINE ÖÝKÜNMEZ

«OpenAI» kompaniýasy özüniň «ChatGPT» emeli aň çatbotunyň işine täze çäklendirmeleri girizdi. Indi çatbot belli ýazyjylaryň, şol sanda Stiwen Kingiň, Jon Steýnbekiň, Agata Kristiniň ýa-da Ernest Hemingueýiň özboluşly ýazyş tärini göni göçürmek ýa-da olara öýkünmek baradaky haýyşlary ýerine ýetirmekden sypaýyçylyk bilen ýüz öwürýär. Bu barada «Ars Technica», «Engadget» we «Fast Company» ýaly halkara köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň geçiren synaglaryna salgylanyp habar berilýär.

Täze düzgünler diňe bir häzirki zaman ýazyjylaryna däl, eýsem, mundan köp ýyl ozal aradan çykan nusgawy awtorlara hem degişlidir. Ulanyjy tarapyndan berlen haýyşlara jogap döredilende, çatbot awtorlyk stilini doly gaýtalamaga hukugynyň ýokdugyny bildirip, onuň ornuna diňe şol žanra mahsus bolan umumy mazmunly, özboluşly täze tekstleri hödürleýär. «No Latency» neşiri tarapyndan geçirilen barlaglar öň bu hili çäklendirmeleriň bolmandygyny we täze düzgünnamanyň golaýda girizilendigini tassyklaýar.

Bu çäre «OpenAI» kompaniýasynyň awtorlyk hukuklaryny goramak baradaky kazyýet işleriniň hem-de «Anthropic» kompaniýasyna garşy çykarylan iri kazyýet kararlarynyň netijesinde kabul edildi. Şunlukda, kompaniýa öz emeli aň guralynyň başgalaryň döredijiligini göni göçürmän, eýsem, diňe ylham beriji gural hökmünde hyzmat edýändigini subut etmäge çalyşýar. Emeli aň tarapyndan döredilýän şeýle tekstler bolsa asyl eserleriň çeperçilik derejesine we çuňňur mazmunyna ýetip bilmeýär.



## Paýhaslar

☑ Durmuşa diňe yza seredip düşünmek mümkin, ýöne ony diňe öňe seredip ýaşamak gerek.
*Sýoren Kýerkegor.*

☑ Dünýäde iň uly baýlyk adamlaryň arasyndaky özara düşünişmek we dostlukdyr.
*Antuan de Sent-Ekzýuperi.*

☑ Seniň kimdigiňi gazanan üstünlikleriň ýa-da bar bolan mülküň kesgitleýän däldir. Seniň hakyky gymmatyň içki dünýäňdedir.
*Ermes Trismegistus.*

☑ Sözüň seniň dymmagyňdan hem owadan we gymmatly boljak bolsa geple, ýogsa dymanyň gowy.
*Pifagor.*

☑ Diňe beýik maksatlar beýik adamlary ýetişdirýär.
*Žan-Žak Russo.*

☑ Kynçylyklar adamy syndyrmak üçin däl, eýsem, onuň häsiýetini taplamak üçin gelýändir.
*Epiktet.*

☑ Ýagşylyk etmekde gijä galmaň, çünki ömür gysgadyr.
*Omar Haýýam.*

☑ Hakyky dost seniň ähli kemçilikleriňi bilse-de, seni gowy görmegini dowam etdirýän adamdyr.
*Elbert Habbard.*

☑ Geň galmak akyl ýetirişiň gözbaşydyr.
*Aristotel.*

☑ Akylly adam öz ýalňyşyndan sapak alar, dana adam – başgalaryňkydan, akylsyz adam bolsa hiç haçan sapak almaz.
*Artur Şopengauer.*

☑ Terbiýäniň başy öz-özüňi terbiýelemekdir.
*Lew Tolstoý.*

☑ Adamyň hakyky gözelligi onuň edep-ahlak gözelligidir.
*Al-Faraby.*

☑ Wagtyňyzy biderek sarp etmäň, çünki ömür diýilýän zat wagtdan ybaratdyr.
*Benjamin Franklin.*

☑ Bagyşlamak – bu ruhuň we kalbyň azatlygydyr.
*Mark Awreliý.*

☑ Mugallymyň esasy borjy bilim paýlamak däl-de, okuwçyda okamaga bolan höwesi we söýgini ösdürmekdir.
*Jon Lokk.*

☑ Nätanyş ýodadan ýöreýän adam diňe ugruny däl, eýsem, özüni hem ýitirip biler.
*Wiktor Gýugo.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Gyrgyzystanda Prezident saýlawlary.** Gyrgyzystanda nobatdaky Prezident saýlawlary geljek ýylyň 27-nji ýanwarynda geçiriler.



Prezident Sadyr Žaparowyň gol çeken kararyna laýyklykda, döwlet Baştutanynyň saýlawlary ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanýan ýylynyň ýanwar aýynyň dördünji çarşenbesinde geçirilmeli edildi. Şeýle hem täze resminamada parlament saýlawlarynyň geçiriljek möhleti bellenildi.

**«Geljegiň oýunlary – 2026».** Astanada nusgawy we sanly sporty utgaşdyrýan «Geljegiň oýunlary – 2026» halkara bäsleşigi geçirilýär.




9-njy awgusta çenli dowam etjek bu çärä 30-dan gowrak ýurtdan 800-den gowrak türgen gatnaşýar. Olar sportuň 8 ugrundan wirtual hem-de hakyky meýdançalarda 4,65 million dollar baýrak gaznasy üçin bäsleşýärler. Bu iri forum ýurtda kibersporty ösdürmäge hem-de ýaşlary sporta çekmäge uly itergi berer.

**Emeli aňly kazyýet ulgamy.** Abu-Dabiniň Kazyýet departamenti dünýäde ilkinji bolup emeli aňa esaslanýan kazyýet platformasyny önümçilige ornaşdyryp başlar.



Sentýabrda badalga aljak bu taslama adamyň gözegçiligi astynda kazyýet kararlaryny kabul etmäge we iş öndürijiligini ýokarlandyrmaga niýetlenendir. Täze ulgam BAE-niň sanly özgerişlik syýasatyna laýyklykda kazyýet işlerini çaltlandyrmaga mümkinçilik döreder.

**Milli ýygnagyň täze başlygy.** Alžiriň parlamentiniň aşaky palatasy bolan Milli halk ýygnagynyň başlygy wezipesine Halida Bufedeş saýlandy.



Şunlukda, ol ýurduň taryhynda bu ýokary kanun çykaryjy organa ýolbaşçylyk etjek ilkinji zenan boldy. Häkimiýet başyndaky Milli azatlyk meýdany partiýasyndan bolan täze ýolbaşçynyň asyl käri allergolog lukmandyr.

**Ýaponiýanyň ätiýaçlyk paýtagty.** Ýaponiýanyň parlamenti Tokioda adatdan daşary ýagdaý dörese, döwlet edaralaryny başga



şähere geçirmäge mümkinçilik berýän kanuny makullady. Täze resminama laýyklykda, Premýer-ministr bellenen talaplara gabat gelýän sebitleriň arasyndan ätiýaçlyk paýtagty saýlap biler. Bu derejä iň esasy dalaşgär hökmünde Osaka görkezilýär.

**Rekordlar kitabyna girizildi.** Ýaponiýanyň mör-möjekleriň awusyna garşy «Muhi» serişdesi dünýäde iň köp wagtdan bäri bazarda duran brend hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi.



Degişli güwänama «Ikeda Mohando» kompaniýasynyň ýolbaşçysyna gowşuryldy. Taryhy 1926-njy ýyldan gözbaş alýan bu brend 100 ýyllyk ýubileýini bellemek bilen, häzirki wagtda melhem dermanlaryň dürli görnüşlerini öndürýär.

**Iň ýaş professor.** Ginnesiň rekordlar kitaby 18 ýaşly amerikaly Natan Tomasy taryhda iň ýaş professor hökmünde ykrar etdi. Ol Maýami-Deýd kollejinde elektrotehnika hünärinden ýokary bilim alyp, şol ýerde mugallymçylyk zähmet ýoluna başlady. Ozalky rekordy täzelän ýaş alym häzirki wagtda talyplara tälim bermegini we bilimini çuňlaşdyrmagyny dowam etdirýär.



# Täze möhlete dalaşgär görkezildi

Braziliýanyň Zähmetkeşler partiýasy San-Pauloda geçen milli guramaçylyk maslahatynda ýurduň häzirki döwlet Baştutany Luis Inasiu Lula da Silwany oktýabr aýynda geçiriljek Prezident saýlawlaryna dalaşgär hökmünde resmi taýdan hödürledi. 80 ýaşly çepçi syýasatçy özüniň dördünji prezidentlik möhleti üçin guraljak saýlaw bäsleşiginde ozalky Prezident Žair Bolsonarunyň uly ogly, 45 ýaşly senator Flawio Bolsonaru bilen bäsleşer. Ozalky döwlet Baştutany Žair Bolsonaru syýasatdan uzaklaşandan soň, onuň ogly liberal sagçy güýçleriň esasy dalaşgäri hökmünde öňe saýlandy.

Milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşi we iş bilen üpjünçiligiň ýokary görkezijileri gazanylan hem bolsa, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak, býujet meselelerini sazlaşdyrmak, söwda çäklendirmelerini aradan aýyrmak hem-de jemgyýetçilik tertibini berkitmek ýaly meseleler hökümetiň üns merkezinde galýar. Habar berlişi ýaly, Zähmetkeşler partiýasy saýlawlara alty sany syýasy güýç bilen bilelikdäki koalisiýada gatnaşýar we wise-prezident wezipesine Žeraldu Alkminiň dalaşgärligini hödürleýär.



«Datafolha» institutynyň soňky jemgyýetçilik pikirini öwreniş barlaglarynyň netijelerine görä, Lula da Silwanyň saýlawçylaryň 48 göteriminiň, Flawio Bolsonarunyň bolsa 43 göteriminiň goldawyny almagyna garaşylýar.

# Nikol Paşinýan gaýtadan bellendi

2-nji awgustda Ermenistanyň Prezidenti Waagn Haçaturýan ýurduň Konstitusiýasynyň 149-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, «Raýat ylalaşygy» partiýasynyň lideri Nikol Paşinýany Premýer-ministr wezipesine bellemek hakyndaky Permana gol çekdi.

Parlamentde köplügi emele getiren «Raýat ylalaşygy» partiýasy Paşinýanyň dalaşgärligini hödürläp, degişli resminamalar toplumyny Prezidentiň garamagyna hödürledi. Şondan öň bolsa, konstitusion kadalara laýyklykda, öňki Hökümetiň meýletin wezipeden çekilmegi baradaky karara gol çekilipdi we Prezident tarapyndan kabul edilipdi. Täze Kabinet düzülýänçä, öňki Hökümet agzalary öz borçlaryny ýerine ýetirmegi dowam ederler.

Bu çäreler 7-nji iýundaky saýlawlardan soň işe başlan Ermenistanyň parlamentiniň ilkinji mejlisinde amala aşyryldy. Täze parlamentde 105 deputatlyk orun paýlanyp, onda «Raýat ylalaşygy» partiýasy 64 mandata, Samwel Karapetýanyň «Güýçli Ermenistan» bileleşigi 29 mandata, öňki Prezident Robert Koçarýanyň «Ermenistan» bileleşigi bolsa 12 mandata eýe boldy.



Parlamentiň ilkinji mejlisinde «Raýat ylalaşygy» partiýasy tarapyndan Milli ýygnagyň Başlygy wezipesine Ruben Rubinýanyň dalaşgärligi hödürlendi. Ýurduň kanunçylygyna laýyklykda, Premýer-ministr bäş günüň içinde täze Hökümeti düzmeli hem-de 20 günüň dowamynda Hökümetiň maksatnamasyny parlamentiň garamagyna hödürlemeli bolar.

# Prezident saýlawlary geçiriler

**Bolgariýanyň Halk ýygnagy ýurduň Prezidentini we wise-prezidentini saýlamak üçin 25-nji oktýabrda saýlaw geçirmek hakynda degişli karary kabul etdi. Ýurduň parlamentiniň mejlisinde bu karary 138 deputat goldap ses berdi.**




**Saýlawlaryň birinji tapgyrynda dalaşgärleriň hiç birisi zerur bolan sesi ýygnap bilmedik ýagdaýynda saýlawlaryň ikinji tapgyry 1-nji noýabrda geçiriler.**

**Ýurduň Esasy Kanunyna laýyklykda, saýlawlar Prezidentiň ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna azyndan iki ýa-da üç aý galanda geçirilýär. Häzirki döwlet Baştutanynyň ygtyýarlyk möhleti 2027-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda tamamlanýar. Häzirki wagtda döwlet Baştutany wezipesine iki dalaşgär resmi taýdan hödürlendi: olar häzirki Prezident Iliýana Ýotowa hem-de Bolgar daýhançylyk halk birleşiginiň başlygy, ozalky goranmak ministri Nikolaý Nençewdir. Mundan başga-da, öňki wagtlaýyn Premýer-ministr Andreý Gýurowyň we professor Daniel Wylçewiň hem öz dalaşgärligini görkezmegine garaşylýar.**

**Ses berlişigiň senesini kesgitlemek baradaky mesele Halk ýygnagynyň Başlyklyk geňeşiniň mejlisinde öňünden ylalaşyldy. Parlamentde geçirilen pikir alyşmalaryň dowamynda saýlawlaryň oktýabr aýynyň ahyrynda geçirilmeginiň amala aşyrylyşy hem-de raýatlaryň saýlaw işjeňligini ýokarlandyrmak babatda iň amatly möhletdigi bellenildi. Şeýle hem saýlaw senesiniň bellenilmegi bilen birlikde, deputatlar parlamentiň agzalarynyň awgust aýynyň 3-den 23-i aralygynda tomusky dynç alşa gitmegi baradaky tertipnamany hem tassykladylar.**

# Ýewropa ýurtlary öňdeligi eýeledi

Ýel we Kolumbiýa uniwersitetleriniň hünärmenleri tarapyndan taýýarlanan Ekologiýa netijeliliginiň görkezijisi (EPI) boýunça täze dünýä reýtinginde Ýewropa döwletleri durnukly ösüş babatda birinji orny eýeledi. Ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny ep-esli azaltmagy hem-de gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini işjeň ornaşdyrmagy başaran Estoniýa Respublikasy 75 utuk bilen sanawyň birinji ornuny eýeledi. Sanawda Lýuksemburg (74 utuk) we Beýik Britaniýa (72 utuk) degişlilikde yzygiderli orunlary eýeläp, reýtingiň ilkinji 20 ornunyň agramly böleginde Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar ýerleşdiler.

Hünärmenler reýtingde ýokary netijeler gazanylan hem bolsa, klimatyň üýtgemegine garşy göreşde ähli döwletleriň esasy maksatlara ýetmekden entek uzakdadygyny belleýärler. Ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylary boýunça dünýäde öňdebaryjy döwletler bolan Hytaý we ABŞ 2050-nji ýyla çenli zyňyndylary nola düşürmek baradaky meýilnamalaryndan yzda galýarlar.

Bu ugurda ABŞ reýtingde 27-nji, Hytaý 129-njy orny eýeledi. Şol bir wagtyň özünde, senagaty gowşak ösen we girdejisi pes bolan ýurtlar ekologiýa taýdan durnukly ösüşi üpjün etmekde maýa goýumlarynyň ýetmezçiligi sebäpli uly kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar.



Tebigy gurşawy goramakda belli bir derejede kynçylyklara duçar bolýan Laos, Hindistan, Bangladeş, Mali we Wýetnam ýaly döwletler sanawyň soňky hatarlarynda ýerleşdi. Bu ýurtlarda ekologiýa degişli meseleler ilatyň saglygyna öz täsirini ýetirýär. Ekologiýa taýdan durnuklylygy gazanmak üçin dünýä bileleşiginiň, aýratyn hem ösen ýurtlaryň ösüp barýan döwletlere «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmakda goldaw bermeginiň zerurdygy bellenilýär.

# EMELI AŇ GIGAFABRIGI GURULÝAR

Ýewropa Komissiýasy sebitde emeli aň tehnologiýasyna degişli önümleri öndürýän ýedi sany gigafabrigiň gurluşygy üçin halkara bäsleşik yglan etdi. Bu taslamanyň esasy maksady öňdebaryjy emeli aň modellerini ösdürmek üçin özbaşdak düzüm birliklerini ýola goýmakdan ybaratdyr. Bu bolsa ABŞ we Hytaý ýaly öňdebaryjy döwletlere bolan sanly garaşlylygy azaltmaga mümkinçilik berer.



Maýa goýumlaryň umumy göwrümi 30 milliard ýewro deň bolup, munuň 5 milliard ýewrosyny Ýewropa Bileleşiginiň býujeti, 5 milliard ýewrosyny gatnaşyjy agza döwletler, galan 20 milliard ýewrony bolsa hususy maýadarlar üpjün eder. Döwlet tarapyndan bölünip berlen serişdeleriň öwezine ÝB we oňa agza ýurtlar superkompýuterleriň kuwwatyndan öz paýyny alarlar. Bu kuwwatlyklar döwlet taslamalarynda, ylmy barlaglarda we emeli aň barlaghanalarynda ulanylar. Hususy hyzmatdaşlar taslamanyň ähli amaly çykdajylaryny öz üstüne alarlar.

Taslamanyň alty ýarym ýylyň dowamynda amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýar. Gurluşyk işlerine 2027-nji ýylda başlanyp, desgalary 2028-nji ýylyň ortalarynda ulanmaga bermek meýilleşdirilýär. Häzirki wagta Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Polşa, Çehiýa, Daniýa, Finlýandiýa, Gresiýa, Portugaliýa we Ispaniýa bu iri kärhanalary öz çäginde ýerleşdirmäge gyzyklanma bildirdi.

Täze gigafabrikler trillionlarça maglumaty işläp bilýän uly dil modellerini okatmak üçin niýetlenen soňky nesil çipleri we kuwwatly maglumat merkezlerini öz içine alýar. Tehnologik garaşlylygyň öňüni almak maksady bilen, Ýewropa Komissiýasy «Nvidia», AMD we «Qualcomm» ýaly öňdebaryjy çip öndürijiler bilen özara düşünişmek hakynda Ähtnamalara gol çekdi. Bu iri başlangyç Ýewropanyň sanly özygtyýarlylygyny berkitmäge uly goşant goşar.

# DELI ELEKTROULAGLARA GEÇÝÄR

**Hindistanyň paýtagty Deli şäherinde 1-nji iýuldan başlap täze hasaba alynýan awtoulaglaryň agramly bölegini elektrik ulagyna geçirmek baradaky täze syýasat güýje girdi. Bu maksatnama ýurduň taryhynda elektrologistika boýunça iň uly taslamalaryň biri bolup, şäherde ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmaga we howanyň hapalanmagyny azaltmaga gönükdirilendir. Umumy bahasy 1,5 milliard amerikan dollaryna deň bolan maksatnamanyň çäklerinde elektroulag satyn alýan adamlara döwlet tarapyndan ýeňillikler, subsidiýalar berilýär we benzinde işleýän köne ulaglaryny tabşyran raýatlara pul sylaglary göz öňünde tutulýar.**

**Bellenilişi ýaly, täze syýasatyň esasy ugry şäherdäki ulaglaryň 70 göterimini eýeleýän iki we üç tigirli ulag serişdelerine gönükdirilendir. Resminama görä, 2027-nji ýyldan başlap täze bellige alynjak ähli üç tigirli ulaglar hem-de kiçi ýük awtomobilleri, 2028-nji ýyldan başlap bolsa iki tigirli ulaglar diňe elektrik energiýasy bilen işleýän görnüşde bolmalydyr. Hünärmenler bu taslamanyň awtoöndürijiler hem-de sarp edijiler üçin ekologiýa taýdan arassa ulaglara geçmegiň uly tapgyrydygyny nygtaýarlar. Häzirki wagtda Delide bellige alnan 8,7 million ulagdan diňe 5 göterim töweregi elektroulaglardan ybarat bolsa-da, soňky ýyllarda olaryň sany çalt artýar. Şol bir wagtyň özünde, paýtagtda kuwwatlandyryş beketleriniň ulgamyny giňeltmek hem-de infrastrukturany kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler bellenildi.**



# NAURU ADYNY ÜÝTGETDI

Ýuwaş ummanynda ýerleşýän dünýäniň iň kiçi ada ýurdy bolan Naurunyň ady resmi taýdan Naoero Respublikasy diýlip üýtgedildi.

Şu ýylyň maý aýynda ýurduň parlamenti ady üýtgetmek baradaky konstitusion taslamany kabul etdi. Ýurduň Prezidenti Dewid Adang ilkibaşda meýilleşdirilen ählihalk sala salşygynyň ýatyrylandygyny habar berip, bu kararyň raýatlaryň goldawy hem-de «Naoero» adynyň täze söz bolman, eýsem, halkyň taryhy adydygy sebäpli kabul edilendigini düşündirdi. Häzirki wagtda adanyň häkimiýetleri ýurduň adynyň üýtgedilendigi barada halkara guramalaryna we beýleki döwletlere resmi taýdan habar bermek işlerine başladylar. Resminamalara görä, ýurduň raýatlary mundan beýläk «dei-Naoero» diýlip atlandyrylar.



Ýurduň häkimiýetleri bu taryhy ädimi milli gymmatlyklary dikeltmek, ata-babalaryň mirasyny, dilini we özboluşlylygyny gorap saklamak islegi bilen düşündirýärler.

1888-nji ýylda ada baran germaniýalylar «Naoero» adynyň ýerine has aňsat bolan «Nauru» adyny ulanypdyrlar. Şeýlelikde, ada ýewropalylar tarapyndan resminamalara «Nauru» görnüşinde girizilipdir.

Meýdany 21,3 inedördül kilometr bolan Naoero BMG-niň doly hukukly agzasy bolan iň kiçi ada döwleti hasaplanýar. Häzirki wagtda ýurduň 12 müň töweregi ilaty bar. Balykçylyk we käbir ýerasty magdan önümleriniň eksporty ýurduň ykdysadyýetiniň uly bölegini emele getirýär.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1927-nji ýylyň 7-nji awgustynda Kanadanyň Fort-Eri hem-de ABŞ-nyň Buffalo şäherlerini birleşdirýän «Parahatçylyk köprüsi» resmi taýdan açyldy. Dabaralara Uels şazadasy Eduard we ABŞ-nyň wise-prezidenti Çarlz Daues gatnaşdylar. Bu köpri iki döwletiň arasyndaky parahatçylykly hem-de dostlukly gatnaşyklaryň esasy nyşanyna öwrüldi. Ol häzir hem Demirgazyk Amerikada möhüm halkara serhet geçelgesi bolup hyzmat edýär.**



# Italiýa Kipriň tebigy gazyna bil baglaýar

**Italiýanyň «Eni» we Fransiýanyň «TotalEnergies» kompaniýalary Kipriň şelfindäki «Kronos» gaz känini özleşdirmek boýunça jemleýji maýa goýum kararyny kabul etdiler. Bu taslama Italiýa üçin energiýa çeşmelerini diwersifikasiýalaşdyrmakda nobatdaky möhüm ädim bolar. Häzirki wagtda Italiýa sarp edýän tebigy gazynyň 95 göterimini daşary ýurtlardan satyn alýar. Şunda ýurduň iň iri gaz üpjünçisi hökmünde Alžir çykyş edýär.**

**Ilkibaşky gaz gorlary 85 milliard kubmetrden gowrak diýlip çaklanylan «Kronos» taslamasy Kipriň taryhynda tebigy gazy senagat taýdan işlemekde ilkinji ädim bolar. Taslamanyň çäklerinde çuň suw astynda dört sany guýyny burawlamak hem-de her günde ortaça 14,16 million kubmetr gaz çykarmak meýilleşdirilýär.**

**2028-nji ýylda täze känden ilkinji gaz akymlaryna garaşylýar. Çykaryljak tebigy gaz suwasty geçiriji arkaly ilki Müsüre iberiler. Ol ýerdäki «Damietta LNG» zawodynda suwuklandyrylan tebigy gaza (STG) öwrülip, soňra Ýewropa ugradylar. Munuň üçin bar bolan düzümleýin desgalaryň ulanylmagy çykdajylary azaltmaga we taslamany çalt amala aşyrmaga mümkinçilik berer.**

**Gazyň täze çeşmeleriniň özleşdirilmegi Italiýanyň Demirgazyk Afrika we Gündogar Ortaýer deňzi sebitiniň arasynda esasy energetika duralgasy hökmündäki ornuny pugtalandyrýar. Bu başlangyç Kipriň sebitleýin gaz eksport edijisine öwrülmegine hem-de Ýewropanyň energetika howpsuzlygyny berkitmäge ýardam eder.**



# AZIÝANYŇ IŇ ARASSA OBASY

Hindistanyň giň tokaýlarynda gizlenen Maulinnong Aziýanyň iň arassa obasy hasaplanýar. Maulinnong obasy diňe arassa köçeleri däl, eýsem, daşky gurşawyň arassalygy bilen hem görenleri haýran galdyrýar. Diňe poçta arkaly aragatnaşyk saklanýan bu obanyň ýaşaýjylarynyň ählisi sowatly bolup, berk düzgün-tertibe eýerýärler. 1 inedördül kilometre golaý meýdany tutýan Maulinnong obasynda plastik önümler we galyndylar düýbünden gabat gelmeýär. Ýyllarboýy häzirki zaman durmuşyndan uzakda galan özboluşly obanyň arassa howasy we tebigaty şäherler bilen bäsleşýär.



Meghalaýa ştatyndaky bu kiçijik oba irki ýyllarda daşky dünýäden üzňelikde ýaşaýar. Şol ýyllar ýerli ilat bilen ýurduň şäherleridir beýleki obalarynyň arasyndaky ýeke-täk baglanyşyk kyn dag ýollaryndan geçip, oba habar getirýän poçtaçy bolupdyr. Adatça, obada poçtaçy ilçi hökmünde görlüpdir. Onuň oba hat ýa-da gazet getirmegi ýerli ilat üçin adaty bir zat däl-de, möhüm jemgyýetçilik wakasy hasaplanypdyr. Häzirki wagtda syýahatçylar we beýleki adamlar üçin açyk bolan bu obada hepdäniň alty güni myhmanlar kabul edilýär. Maulinnongdaky düzgünlere görä, ýekşenbe güni nätanyş adamlaryň oba gelmegi gadagan edilýär. Kiçijik obada güýmenje enjamlary, şäher telefon ulgamy we internet ýok. Ýaşaýjylar elektrik togy durnuksyz bolandygy we signal çykmaýandygy sebäpli, öýjükli telefon arkaly seýrek habarlaşyp bilýärler.

Takmynan, 600 adamlyk ilaty bolan obada arassaçylyk işleri ýaşaýjylar tarapyndan ýerine ýetirilýär. Obada ýaşaýan her bir adam dogduk mekanyny arassa saklamagy özüne ýörelge edinipdir. 2003-nji ýylda «Discover India» žurnaly tarapyndan Aziýanyň iň arassa obasy diýlip ykrar edilen Maulinnongyň her künjeginde bambuk agajyndan elde dokalan zibil gutulary bar. Plastik önümleriň ulanylmagy düýbünden gadagan edilen bu obada ýere tüýkürmek we çilim çekmek agyr jezalara sebäp bolýar. Aşhanadan, zaýalanan gök önümlerden ýygnalan organik galyndylar bambuk gutulara oklanýar, soňra ýere gömlüp, oba hojalyk üçin zerur bolan tebigy dökün taýýarlanylýar. Her gün irden çagalardan başlap garrylara çenli ähli ýaşaýjylar gündelik işlerine başlamazdan öň, howlusyny we köçäni süpürýärler.

Maulinnong obasy diňe arassalygy däl, eýsem, jemgyýetçilik gurluşy bilen hem tapawutlanýar. Khasi taýpasynyň ýaşaýan ýeri bolan bu toprakda nesil daragty ata tarapdan däl-de, ene arkaly dowam edýär. Çagalar enesiniň familiýasyny göterýärler. Maşgalanyň ähli emlägi we hojalyk borçlary körpe gyza miras galýar.





Maulinnongdaky agajyň köküninden ýasalan «diri köprüler» obanyň tebigy täsinligi hasaplanýar. Agaçlaryň köküni suwuň üstünden geçirmek we örmek arkaly birnäçe ýylyň dowamynda emele gelýän «diri köprüler» tebigat bilen inženerçiligiň sazlaşykly ýerine ýetirilip bilinjekdigini görkezýär.

# Hemmeler bir binada ýaşaýar

Alýaskanyň adaty bolmadyk Wittiýer şäherinde howanyň aşa sowukdygy sebäpli ähli ilat bir binada ýaşaýar. Dagyň eteginde gurlan 14 gatly binanyň içine gireniňde tutuş şäheriň bir gurluşda jemlenendigine göz ýetirýärsiň. 300-e golaý ilaty bolan Wittiýer çetde ýerleşýän şäherleriň biri bolmak bilen bir hatarda, bir binada jemlenen ýaşaýjylary bilen görenleri haýran galdyrýar. Ägirt uly ýaşaýyş taslamasynyň içinde mekdepden başlap polisiýa bölümine çenli ähli jemgyýetçilik edaralary göz öňünde tutulypdyr. «Begiç diňleri» diýlip atlandyrylýan bu binanyň birinji we aşaky gatynda poçta bölümi, kiçi bazar, polisiýa bölümi, saglyk merkezi, şäher häkimligi we ybadathana ýerleşýär. Ýaşaýjylar sowuk howada daşary çykmazdan, azyk önümlerini satyn alyp, resmi işlerini bitirip bilýärler.



Bu bina 1950-nji ýyllarda harbylar üçin gurlupdyr. Ähli zerur zatlary öz içine alýan toplumda esgerler we olaryň maşgalalary gyşyň aşa sowuk günlerini içerde geçiripdirler. Wagtyň geçmegi bilen harbylar ol ýerden çekilenden soň, raýatlar bu binany özboluşly ýaşaýyş merkezine öwrüpdirler.

«Bir üçegiň aşagynda ýerleşýän şäheriň» iň geň galdyryjy tarapy orta mekdebiň toplumyň arka tarapynda ýerleşmegidir. Şäheriň mekdebe gatnaýan çagalary garyň syrgynlap ýagýan günlerinde hem daşary çykmazdan, içerde okap bilýärler. Çagalar mekdebe gitmek üçin lifte münüp, birinji gata düşmeli. Soňra gysga ýerasty tunnel arkaly ýöräp, mekdebe barmaly.

Şäheriň tutuş administrasiýasy täsin binanyň içindäki berk ulgam bilen baglanyşyklydyr. Şäher häkimi, şäher geňeşiniň agzalary we şäheriň howpsuzlygy üçin jogapkär polisiýa işgärleri raýatlar bilen bir binada ýaşaýar. Şikaýat ýa-da resmi haýyşlar bilen ýüz tutulanda müdirleriň iş ýerine barmak üçin bary-ýogy birnäçe basgançak ýöräýmeli. Binanyň içinde her kim biri-birini tanaýandygy sebäpli, howpsuz we asuda durmuş üpjün edilýär.

«Begiç diňlerine» daşardan ýeke-täk ýol arkaly – 4 kilometr uzynlykdaky bir zolakly Anton Anderson tunneli arkaly baryp bolýar. Otly we awtoulag gatnawy üçin niýetlenen bu tunnel gijesine ýapylýar. Şol sebäpli şäheriň ýaşaýjylary zerur bolmadyk halatynda daşary çykmaýarlar.

Gyşda garyň galyňlygy 7 metrden, ýeliň tizligi sagatda 100 kilometrden geçýän bu sebitde adamlaryň bir binanyň içinde ýaşamagy haýran galdyrmak üçin däl-de, zerurlyk hasaplanylýar. Bu toplum ýaşaýjylaryň ähli zerurlygyny kanagatlandyrmak bilen bir hatarda, raýatlaryň daşky tebigy şertlerde ýüze çykyp biljek howpsuzlygyny hem üpjün edýär.




# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY TROPIK BATGALYGY

Günorta Amerikanyň merkezinde ýerleşýän Pantanal owadan tebigy täsinlikleriň biridir. Bu tropik batgalyk Braziliýanyň, gündogar Boliwiýanyň we Paragwaýyň giň suwly meýdanlaryny öz içine alýar. Her ýyl suw joşmalary bilen ýüzbe-ýüz bolýan bu batgalygyň tutýan çägi ulalyp-kiçelip durýar. Pantanal portugal dilindäki «pântano» sözünden gelip çykyp, «batgalyk» diýmegi aňladýar. 210 müň inedördül kilometr meýdany eýeleýän tropik batgalyk Paragwaý derýasynyň Kuýaba, San-Lurensu we Takuari şahalary arkaly iýmitlenýär. Braziliýanyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Pantanal 187,818 gektar kölleri, derýalary, düzlükleridir tokaýlary öz içine alýar. Ýylyň guraklyk möwsüminde batgalykda sawannalar, otluk meýdanlar, lagunlar we köller peýda bolýar.





Ösümlik we haýwanat dünýäsine baý bu ýerde dynç almak, gezelenç etmek ýatdan çykmajak duýgulary hödürleýär. Tebigaty öwrenijileri, suratçylary we eko-syýahatçylary haýran galdyrýan batgalykda ösümlikleriň 3 müň 500, guşlaryň 656, balyklaryň 325, süýdemdirijileriň 159, amfibiýalaryň 53 we süýrenijileriň 98 görnüşi ýaşaýar. Batgalykda leňňeç iýýän tilki, günorta tamanduasy, brazil tapiri, kapibara, Günorta Amerika koati, kapuçin maýmyny, gara maýmyn, toko tukany, sary anakonda, ýaşyl iguanalar we köp sanly kaýman (krokodil) duş gelýär. Batgalykda ýyrtyjylaryň köp bolmagy ekoulgamyň çylşyrymlydygyndan habar berýär. Batgalykda seýrek duş gelýän jandarlardan gyrmyzy it, batgalyk keýigi we ägirt uly armadillo hem ýaşaýar. Demirgazyk Amerika göçüp barýan ýüzlerçe guş Pantanalda düşläp geçýär. Tropik batgalykda ýaşaýan sümbül makau (iň uly toty), hindi towugyna meňzeş guan ýitip gitmek howpy abanýan guşlar hasaplanýar. Şeýle hem balykçy bürgüt (ospreý) we gyzyl boýunly uzyn leglek (jabiru) duş gelýär.







Agramy 160 kilograma, uzynlygy 2,7 metre çenli ýetýän, owadan guýrugy bilen tapawutlanýan ýaguarlar batgalygyň bezegi hasaplanýar. Amerikanyň iň uly pişigi bolan ýaguarlar ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň biridir. Batgalykda krokodile meňzeş, kaýman diýlip atlandyrylýan uzynlygy 2-2,5 metre ýetýän süýrenijiler has köp duş gelýär. Pantanal sebitinde ýaşaýan ilatyň bellemegine görä, kaýmanlaryň sany 35 milliondan geçýär. Äpet süýrenijiler batgalygyň ähli ýerinde – köllerde, lagunlarda, derýanyň kenarlarynda we tokaýlyklarda duş gelýär. Şol sebäpli syýahatçylar ýörite ýolbeletleriň kömegi arkaly seýilgählere gezelenç edýärler.





Tropik batgalykda ýaşaýan täsin jandarlaryň ýene biri hem ägirt uly garynja iýýän jandardyr. Uzyndan inçe burunly, kiçijik gözli we gulakly, hüžžerip duran guýrukly bu jandar her gün 30 müňe çenli mör-möjek iýýär. Batgalykda agaçlaryň arasynda sallanyp duran sary anakondany göreniňde, endamyň tikenekläp gidýär. Ýöne bu uzyn süýrenijiler zähersizdigi sebäpli adama howpsuz hasaplanýar. Batgalykda sary anakondadan başga, ýaşyl anakonda hem duş gelýär. Uzynlygy 9 metre, agramy 250 kilograma ýetýän bu ýylanlar balyk we suw jandarlary bilen iýmitlenýärler. Pantanala her ýyl 1 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

# ÜZÜMIŇ SAGLYGA PEÝDASY

**Tomus we güýz pasyllarynda ýetişýän iň datly miweleriň biri hem üzüm bolup, witaminleriň hem-de minerallaryň baý çeşmesi hasaplanýar. Üzümiň ata Watany Ýakyn Gündogar ýurtlary hasaplanýar. Çyrmaşyp ösýän, süýji miweli agaç irki döwürlerde hasyllylygyň we bolelinligiň nyşany hasaplanypdyr. Üzümiň ýaşyl, gyrmyzy, gyzyl, gülgün, gara, ak reňkli 10 müňden gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Üzümiň şahasy bir ýylyň dowamynda ortaça 6 metre çenli ösüp bilýär. Üzüm senagat önümçiliginde hem iň köp sarp edilýän miweleriň biridir. Üzüm dürli ýaşdaky adamlar üçin iň gowy görülýän miweleriň biri bolup, bedeni birnäçe ýokumly maddalar bilen üpjün edýär.**

**Immuniteti güýçlendirýär.** Üzüm iýmit sanawyna hökmany goşulmaly miweleriň biri hasaplanýar. Düzüminde C witaminini we mikroelementleri saklaýan bu miwe kesel howpuna garşy göreşip, bedeniň gorag ulgamyny güýçlendirýär. Geçirilen barlaglarda üzümiň beýni, aşgazan-içege bilen bagly kesellerden, şol sanda düwnük keselinden goraýandygy ýüze çykaryldy. Üzümi çigidi bilen bilelikde iýmek düwnük öýjükleriniň işini bozup, zäherli täsirleri azaltmaga ýardam edýär.

**Göz üçin peýdaly.** Geçirilen barlaglarda üzümiň gözüň görüş öýjüklerini Günüň zyýanly täsirinden goraýandygy ýüze çykaryldy. Üzümiň düzüminde lutein we zeaksantin ýaly göz üçin peýdaly antioksidantlar bar.

**Ýüregi goraýar.** Üzüm ýürek üçin peýdaly miweleriň biridir. Bu miwäniň düzümindäki K witamini öýjükleriň sagdyn gan öndürijiligini üpjün edip, ýürek bilen bagly hadysalaryň öňüni almaga ýardam edýär. Esasan hem, gyzyl üzümiň düzümindäki kaliý gan basyşyny peseldip, ýüregiň kadaly işlemegini üpjün edýär. Geçirilen barlaglarda, gyzyl üzümiň holesteriniň derejesini peseldýändigi ýüze çykaryldy.

**Süňkler üçin peýdaly.** Süýt önümlerinden başga-da, üzümiň süňkleriň ösüşi we sagdynlygy üçin peýdalydygy bellenilýär. Üzümiň düzümindäki kalsiý we beýleki minerallar – mis, kaliý, magniý dişleriň hem-de süňkleriň kadaly işini üpjün edýär.



**Ukyny gowulandyrýar.** Ukudan ejir çekýän bolsaňyz, üzüm iýmek arkaly melatoniniň (uky gormony) tebigy çeşmesini alyp bilersiňiz. Üzüm aladalary ýatdan çykarmaga hem-de uky bozulmalaryny aradan aýyrmaga kömek edýär.



**Beýniniň işjeňligini gowulandyrýar.** Üzümde saklanýan peýdaly birleşmeler, suw we B6 witamini nerw ulgamynda döräp biljek keselleriň öňüni alyp, beýniniň işjeňligini sazlaýar. Üzüm beýnidäki toksinleri we galyndylary aýyrmaga hem-de beýnini iýmitlendirmäge ýardam edýär. Şeýle hem ýady güýçlendirip, şähdaçyk bolmagy üpjün edýär.

**Garramagy gijikdirýär.** Üzüm bedenimizdäki zyýanly maddalara garşy göreşip, deriniň garramagyny gijikdirýär. Şeýle hem öýjükleri täzelemek bilen bir hatarda, deriniň ýaş we sagdyn bolmagyny üpjün edýär.

# Näme üçin 42 kilometr 195 metr uzynlykda?!

**Soňky ýyllarda ylgamak dünýäde iň meşhur sport görnüşleriniň birine öwrüldi. Ylgamak bilen meşgullanyp başlan türgenleriň iň uly arzuwy marafon ýaryşlaryna gatnaşmak bolsa gerek. 42 kilometr 195 metr uzynlyk. Bu ýoly ylgap geçmek aňsat däl. Eýsem, marafon ýaryşlarynda hut şu uzynlygyň saýlanyp alynmagynyň sebäbi nämekä?! Näme üçin marafon ýaryşy tegelek 42 kilometr däl-de, 195 metr goşmaça aralygy hem bar?! Geliň, muny bilelikde öwreneliň!**

Häzirki wagtda dünýäniň birnäçe künjeginde köp sanly marafonlar geçirilýär. Boston, Nýu-Ýork, London, Berlin, Çikago, Tokio we Sidneý ýaly dünýäniň iň meşhur marafonlary her ýyl ýüzlerçe ylgaýjyny bir ýere jemleýär. 42 kilometr 195 metr aralyk ähmiýetsiz san ýaly görünse-de, munuň aňyrsynda uly taryhy wakalar ýatyr.

### GADYMY GRESIÝADAN LONDONA ÇENLI...

Marafon ýaryşynyň taryhy biziň eýýamymyzdan öňki 490-njy ýyllara uzaýar. Taryhy maglumatlara görä, parslar bilen afinylylaryň arasynda bolan Marafon söweşinde grekleriň iň meşhur ilçileriniň biri bolan Feýdippid ýeňiş habaryny ýetirmek üçin Marafondan Afina çenli ylgapdyr. Grek taryhçysy Gerodotyň bellemegine görä, Feýdippid ýeňiş habaryny ýetirmek üçin däl-de, Afinydan Sparta kömek soramak üçin ylgapdyr. Ol iki günde 240-250 kilometr ýol geçipdir. Şeýlelikde, ylgaw ýaryşy Feýdippidiň uruşda görkezen edermenlikleri hem-de Marafon söweşinde gazanylan ýeňiş üçin «Marafon» diýlip atlandyrylýar.







Marafon ýaryşlary Gadymy Olimpiýa oýunlarynyň bir bölegi däldi. Marafon ýaryşy 1896-njy ýylda Afinyda geçirilen ilkinji häzirki zaman Olimpiýa oýunlarynda guralýar. Ilkinji Olimpiýa marafony häzirki ýaly 42,195 kilometr däldi. Sebäbi şol wagt marafon ylgawynyň halkara standarty heniz döredilmändi. Gresiýanyň Marafon sebitinden Afinydaky Panatinaikos stadionyna çenli, takmynan, 40 kilometrlik ýolda geçirilen ýaryşda grek türgeni Spiridon Luis ýeňiş gazandy. Ýaryşyň uzynlygy soňky ýaryşlarda birnäçe gezek üýtgedildi.

Häzirki wagtda 42 kilometr 195 metr aralyk marafon ylgawynyň dünýäde kabul edilen standartydyr. Bu aralyga ilkinji gezek 1908-nji ýylda London Olimpiýa oýunlarynda ylganyldy. Olimpiýa marafonyny Windzor galasynyň çäginden başlap, Ak şäher stadionynda tamamlamak meýilleşdirilýärdi. Ýöne gelip gowşan haýyşlara görä, Şa maşgalasynyň çagalary galanyň penjiresinden ýaryşy synlap bilsinler diýip, pellehana lentasy şa meýdançasynyň öňünde bolmaly diýlip üýtgedilýär. Şeýlelikde, Windzor galasynyň çäginden başlanan marafon ýaryşy şa meýdançasynyň öňünde tamamlanýar. Ylgaw ýolunyň uzynlygy 26 mil 385 ýarda (42 kilometr 195 metr) deň bolýar. Ýaryşda amerikaly türgen Jon Heýz altyn medala eýe bolýar.

1921-nji ýyla çenli marafon ýaryşlary dürli uzynlykda geçirilýär. Şol ýyl Halkara höwesjeň ýeňil atletika federasiýasy London marafonyndaky 26 mil 385 ýard uzaklygy ylgaw ýaryşynyň standart aralygy hökmünde resmi taýdan kabul edýär. 105 ýyl mundan ozal bütin dünýäde kabul edilen 42,195 kilometrlik marafon aralygy 1924-nji ýylda Parižde geçirilen tomusky Olimpiýa oýunlaryndan bäri ulanylýar.

### GYZYKLY MAGLUMATLAR

Marafon ýaryşlarynyň häzirki wagtdaky dünýä rekordyny erkekleriň arasynda Eliud Kipçoge (2:03:05), zenanlardan Pola Redkliff (2:15:25) eýeleýär.

Häzirki wagtdaky iň uly marafon 2016-njy ýylda Nýu-Ýork şäherinde geçirilip, ýaryşy 50 müňden gowrak türgen tamamlady.

Iň gadymy ylgaw ýaryşy 2017-nji ýylda 120 ýyllyk ýubileýini bellän Boston marafonydyr.

London marafony iň girdejili ylgaw ýaryşy hasaplanýar.

Marafon ýaryşyna gatnaşan iň garry adam Fauja Singh (100 ýaş) bolup, pellehanadan 8:25:16 sekuntda geçmegi başardy.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Mekdebe taýýarlyk görýäňizmi?!

**Häzirki wagtda mekdebe taýýarlyk möwsümi gyzgalaňly dowam edýär. Bazarlarda mekdep lybaslary we okuw harytlary satylýan göçme söwda nokatlary giňden hyzmat edýär. Tomusky dynç alyş möwsüminiň soňky aýy dowam edýär. Siz hem täze okuw ýylyna taýýarlyk görüp başlan bolsaňyz gerek. Mekdebe taýýarlyk görlende diňe okuw esbaplary däl, eýsem, täze egin-eşikler hem satyn alynýar. Eýsem, çagalara okuw eşikleri, aýakgap we torba satyn alnanda nämelere üns bermeli?!**





Okuwçylar günüň esasy bölegini mekdepde geçirýärler. Çagalara mekdep lybaslary alnanda biraz giň we arkaýyn hereket etmäge oňaýlysyny saýlamaly. Eşik bedene ýapyşyp duran däl-de, rahat bolmaly. Egin-eşigiň matasy nah ýa-da beden üçin zyýansyz, ýumşak we tebigy materiallardan tikilen, howa geçirýän bolmaly.

Ene-atalaryň käbiri aýakgap alanda çaganyň ulalyp barýandygyny göz öňünde tutup, has ulusyny alýar. Bu ýalňyş hasaplanýar. Aýakgap çaga joraply ýagdaýda geýdirilip hem-de ýöredilip görülmeli. Aýakgabyň öň tarapynyň dar, ujunyň süýnmek bolmagy barmaklaryň dogry ösmegine päsgel berip ýa-da dyrnagyň çümmegine getirip biler. Aýakgabyň bagjygy gowy baglanmasa ýa-da çözülen ýagdaýda çaganyň ýykylmagyna sebäp bolmagy mümkin. Şol sebäpli bagjyksyz ýa-da aňsatlyk bilen açylyp ýapylýan kemerjigi bolan hem-de aşagy büdür-südür, tekiz ýerde typmaýan, ýagynly howada suw geçirmeýän aýakgap alynmaly. Sport aýakgaby saýlananda hem ýokardaky ýagdaýlar göz öňünde tutulmaly.

Çagalaryň her gün jorap geýýändigi sebäpli aýagy derläp bilýär. Şol sebäpli nah matadan tikilen, derletmeýän joraplary saýlamaly. Şeýle hem jorabyň bogdagynyň aýagyň gan damarlaryny gysmaýan görnüşini saýlamaly. Jorap bir günden köp geýilmeli däl.

Mekdep torbasy alnanda, çaganyň ýaşy, agramy göz öňünde tutulmaly. Bilermenler islendik ýaşdaky çaga üçin arkaňda göterilýän mekdep torbalaryny maslahat berýärler. Torbanyň egniňden asylýan gerşi inli we ýumşak bolmaly. Kiçi çagalar üçin has uly, agramyny artdyrjak dürli reňkli, gabaryp duran suratly we dürli oýnawaçlar asylyp duran torbalary almak maslahat berilmeýär. Torbanyň göterilişine hem üns berilmeli. Adatça, arkaňdan asylýan torbalaryň ýüplerini ulaldyp hem kiçeldip bolýar. Torbanyň ýüpüni çaganyň arkasyna laýyk ýerleşer ýaly sazlamaly. Torba bir eginde göterilmeli däl. Agyr kitaplar we beýleki okuw esbaplar torbanyň arka ýakyn tarapyna, ýeňil esbaplar öň tarapyna ýerleşdirilmeli. Çaga awtobusyň gelmegine garaşanda ýa-da awtobusda barýarka torbasyny arkasyndan düşürip, arassa ýerde goýmagy öwretmeli. Mekdep torbasyna okuw esbaplaryndan başga zat salynmaly däl, diňe şol gün geçiljek sapaklaryna degişli kitapdyr depderler salynmaly. Mekdep egin-eşigi ýa-da okuw esbaby satyn alnanda, mekdebiň talaplary göz öňünde tutulmaly.

# Bütindünýä garpyz güni

**Her ýylyň 3-nji awgustynda birnäçe ýurtda Bütindünýä garpyz güni bellenilýär. Amerikan medeniýetinden gözbaş alyp gaýdýan şol gün dilimlenen garpyz bilen bir hatarda, garpyz şerbeti, mürepbesi, garpyzdan taýýarlanýan konditer önümleri, süýjülikler köpçülige hödürlenýär. Bakja önüminiň halkara baýramçylygynda garpyzdan dürli şekilleri, bezegleri ýasamak ýaryşlary, garpyz çigidini sanamak, iň köp garpyz iýmek bäsleşikleri geçirilýär. Bulardan başga-da, iň uly garpyz şüweleňi guralýar.**

**Dünýäde garpyzyň 200-300 töweregi görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Ata Watany Günorta Afrika hasaplanýan bu bakja önümi tomus paslynda jana şypa beriji iýmitleriň biridir. Taryhy maglumatlarda garpyzyň ilkinji ösdürilip ýetişdirilen ýeri Günorta Afrika diýlip görkezilýär. Soňra bu bakja önüminiň çigidi Müsüre ýaýrapdyr. X asyrda garpyz hytaýlylara mälim bolýar. Şeýlelikde, garpyz Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen tutuş Ýer ýüzüne ýaýraýar. Ýewropa ýurtlarynda garpyz X-XI asyrlarda peýda bolýar. XVI asyrda ilkinji gezek Amerika getirilýär. Häzirki wagtda tutuş dünýäde diýen ýaly garpyz ösdürilip ýetişdirilýär. Garpyzy iň esasy öndürijiler Hytaý, Türkiýe, Eýran, Müsür, Amerika ýurtlary we Özbegistan hasaplanýar.**

**Köpimiz garpyzy gyzyl etli, gabygy ýaşyl zolakly togalak görnüşde göz öňüne getirýäris. Emma dünýäde bu bakja önüminiň gabygynyň we etiniň reňki bilen tapawutlanýan dürli görnüşi hem bar. Ýaponiýada garpyzyň iň täsin görnüşleri – dörtburç, piramida görnüşli, sary**



**etli garpyzlar hem ösdürilip ýetişdirilýär. Ortaýer deňziniň kenarynda ýetişdirilýän garpyzlar dünýäniň iň süýji garpyzlary hasaplanýar.**

# Amazonkanyň şokolad miwesi

Braziliýanyň Amazonka basseýninde kakao agajyna meňzeş daragtda bitýän kapuasu täsin miweleriň biridir. Brazilleriň milli miwesi hasaplanýan kapuasu «şokolad miwesi» ady bilen tanalýar. Ýerli halkyň arasynda «Dermanlyk miwe» diýlip atlan-



dyrylýan bu miwäniň düzüminde saglyk üçin peýdaly witaminleriň, minerallaryň we antioksidantlaryň baý çeşmesi saklanýar. Asyrlarboýy iýmit bolup hyzmat edýän kapuasunyň daşky görnüşi süýnmek şekilde, goňur reňkli gabygy galyň hem-de tüýli bolýar. Miwäniň etli bölegi ak reňkde bolup, içinde birnäçe goňur tohumlar saklanýar. Kapuasunyň ak etli şireli bölegi çigligine iýilýär. Noýba ýaly ululykdaky tohumlary bolsa, ilki 100-150 dereje gyzgynlykda gowrulyp, soňra şokolad halyna gelýänçä eredilýär. Şokolad miwesiniň guradylan tohumlary içgileri we desertleri taýýarlamakda, konditer önümçiliginde ulanylýar. Braziliýada bu miwe sowuk süýt garyndysyna goşulyp, «kupuaçu» atly içgi taýýarlanylýar.

Miwäniň düzüminde köp mukdarda süýüm saklanýandygy sebäpli özboluşly ysa we tagama eýedir. Ananas, banan we armyt ýaly miweleriň bilelikdäki tagamyny ýatladýan bu miwäniň etli ak bölegi parfýumeriýa senagatynda hem ulanylýar. Ylmy ady «Theobroma grandiflorum» bolan bu miwe kakao meňzeş tropik agaçda bitýär. Amazon tokaýlarynda ösýän bu agaç 20 metre çenli ösýär. Ullakan gür ýapraklary bolan şokolad agajy gülgün reňkde owadan gül açýar. Agajyň miwesi 20-25 santimetr ululykda bolýar. Şokolad miwesi Braziliýadan başga Kolumbiýa, Peru, Boliwiýa ýaly Günorta Amerika ýurtlarynda hem ösdürilip ýetişdirilýär.

5 tapawudy tapyň!



SANLARY BIRLEŞDIRIP, ŞEKILI REŇKLÄŇ!



Labirint



Gyzykly pursat






28-nji SKANWORD



**38-nji KROSSWORD**

● **DIKLIGINE:** **1.** Tahýanyň depesine keşdelenip salynýan nagyş. **2.** Mugallymyň ýolbaşçylygynda talybyň taýýarlaýan işi. **3.** «Jansyz çapar, janly urar» (matal). **4.** Garşylygy aňladýan baglaýjy. **5.** Öňki mukdaryndan, göwrüminden şonça gezek köp. **6.** Öý jandary. **7.** Habar ýetirmek üçin ýörite iberilýän atly habarçy. **8.** Bezeg şaýy. **9.** Angliýaly beýik şahyr, dramaturg Wilýam ... **14.** Süzmeden taýýarlanýan önüm. **15.** ...-jenjel. **18.** Beden agzasy. **19.** Hoşamaýlyk, mylaýymlyk. **21.** Ýazyjy-şahyrlaryň kabul eden edebi ady. **22.** Geýim-gejimiň, ýorganyň we ş.m. iç ýüzünden tutulýan mata. **24.** Çig hamdan togalak edilip örülen örme gamçy. **25.** Ýabany pişigiň bir görnüşi. **26.** Tikinçilik guraly. **29.** Deňiz jandary. **30.** Ýaponiýanyň gadymy harby derejesi. **32.** Şekerden taýýarlanýan önüm. **33.** Şweýsariýanyň paýtagty. **35.** Bir işi amala aşyrmagyň ugur-ýoluny bilmeýän. **36.** Daş-töweregi boşluk. **38.** Suwaryş ulgamlary üçin gazylan uly, giň ýap. **39.** Salyhatly, edep-ekramly. **41.** Baglaýjy kömekçi. **42.** ...-ganly, dolmuş. **43.** «... garrasa, köşegine eýerer» (nakyl).

● **KESELIGINE:** **1.** Ýyldyz. **7.** Alty aýdan on bir aý aralygyndaky owlak. **10.** Gazyň basyşynyň ölçeg birligi. **11.** Balygyň bir görnüşi. **12.** Içi zaýalanan, düşen. **13.** Drama eseriniň bir görnüşi. **16.** Wäşi, degişgen. **17.** Duşman, keseki. **20.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **23.** Miwe. **25.** Ölçeg birligi. **27.** Parasatly, sowatly. **28.** Çagyryş bilen kimdir birine ýüzlenme. **29.** Russiýada bir şäher. **31.** Okuw dersi. **34.** Bir aýdylan zady gaýtalap durmak, irizmek. **37.** Dogry, dürs. **39.** Her jandaryň görnüşiniň tebigy mekany, belli bir suw meýdany ýa-da çäk. **40.** Ýurdumyzda bir goraghana. **44.** Tokaý jandary. **45.** Oglan ady. **46.** Russiýanyň milli saz guraly. **47.** Nagyş salmak üçin owunjak sanjylyp tikilýän tikin görnüşi. **48.** Gumluk ýerlerde, çägeliklerde bitýän, gurakçylyga çydamly pürli agaç.

36-njy krosswordyň jogaby:



37-nji krosswordyň jogaby:



27-nji skanwordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BAŞIMOWA.




# «Arkadag» topary 3-nji gezek ýurdumyzyň Naýbaşy Kubogyny eýeledi

Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogyna bu ýyl hem «Arkadag» topary mynasyp boldy. Paýtagtymyzdaky «Nusaý» stadionynda oýnalan duşuşykda «Arkadag» topary «Ahal» toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. «Arkadag» toparyna ýeňiş getiren gollary 19-njy minutda Rahman Myratberdiýew, 57-nji minutda Begenç Akmämmedow hem-de 79-njy minutda Şanazar Tirkişow geçirdi. Şeýlelikde, «Arkadag» topary yzly-yzyna 3-nji gezek Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogyna mynasyp boldy.

Naýbaşy Kubogyny şu wagta çenli iň köp «Altyn Asyr» topary eýeledi. Aragatnaşykçylar 8 gezek Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogyny gazanmagy başardy. «Nebitçi», HTTU toparlary 3 gezek gazanan bolsa, «Aşgabat», «Merw» hem-de «Ahal» toparlary 1 sapar kubogy asmana göterdiler.

Ýurdumyzyň Naýbaşy Kubogy ugrundaky duşuşyk 2005-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň çempiony bilen Türkmenistanyň Kubogynyň ýeňijileriniň arasynda geçirilip gelinýär.




# Çempionlygyny goramagy başardy

Woleýbol boýunça erkekleriň arasyndaky FIVB Milletler Ligasynda çempion üýtgemedi. Ýaryşyň jemleýji tapgyry bu ýyl hem Hytaýyň Ninbo şäherinde geçirilip, finalda Polşa bilen ABŞ-nyň ýygyndylary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýnuň 1-nji setinde polýaklar 25:21, 2-nji setinde amerikanlar 25:23 hasabynda ýeňiş gazandy. 3-nji setde ABŞ-nyň woleýbolçylary 27:25 hasabynda üstün çykyp, umumy hasapda öňe saýlandy. Ýöne 4-nji setde 25:23 ýeňiş gazanan polýaklar hasaby deňläp, final setinde-de 15:10 hasabynda üstün çykdy. Netijede, 3:2 hasabynda ýeňiş gazanan Polşanyň ýygyndysy bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek Milletler Ligasynyň kubogyny eýeledi. ABŞ-nyň ýygyndysy 8-nji gezek geçirilen ýaryşda 4-nji sapar finalda ýeňlişe sezewar boldy.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda Sloweniýanyň ýygyndysy Ýaponiýanyň ýygyndysyny 3:1 hasabynda ýeňip, yzly-yzyna 2, umumylykda-da 3 dördünjilikden soň münberiň üçünji basgançagyna çykmagy başardy.

2018-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän bu ýaryşda Polşanyň ýygyndysy 3 (2023, 2025, 2026), Fransiýadyr (2022, 2024) Russiýanyň (2018, 2019) ýygyndylary 2 hem-de Braziliýanyň milli topary (2021) 1 gezek ýeňiş gazandy.

Polşaly Tomas Fornal ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

# TENNIS TÄZELIKLERI

ABŞ-nyň paýtagtynda geçirilen «Waşington Açyk» tennis ýaryşynda zenanlaryň arasynda filippinli Aleksandra Eala ýeňiş gazandy. Karýerasy boýunça ilkinji çempionlygyny baýram eden 21 ýaşyndaky Eala finalda amerikaly Jessika Pegula bilen duşuşdy. 1-nji setde bu ýaryşyň





2019-njy ýyldaky çempiony Pegula 6:4 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde şol hasap bilen ýeňen Eala 3-nji setde garşydaşyna ýeke utuk hem bermedi (6:0). Eala WTA 500 ýaryşynda ýeňiş gazanan ilkinji filippinli tennisçi bolmagy başardy.

Erkekleriň arasyndaky ýaryşda ýerli tennisçi Teýlor Frits ýeňiji boldy. Ol erkekleriň arasynda 54-nji gezek geçirilen ýaryşyň finalynda ispaniýaly Rafael Jodary 7:6 we 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň karýerasyndaky 11-nji ATP çempionlygy hökmünde hasaba alyndy.

ABŞ-nyň Memfis şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «Memphis Classic» tennis ýaryşynda russiýaly Kristina Lýutowa çempion bolmagy başardy. 16 ýaşyndaky Lýutowa finalda çehiýaly Dariýa Widmanowany 3 setde ýeňdi. 1-nji setde 6:1 utulan Lýutowa 2-nji setde şol hasap bilen üstün çykdy. Final setinde bolsa 6:3 hasabynda ýeňiş gazanan ilkinji ýaryşynda ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Ol 2010-njy ýylda doglanlaryň arasynda çempionlyk gazanan ilkinji zenan tennisçi boldy. Lýutowa ilkinji ýaryşynda çempionlyk gazanan 10-njy tennisçi diýlip hasaba alyndy.

Meksikanyň Los Kabos şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Açyk» tennis ýaryşynda fransiýaly Artur Gea çempionlyk gazandy. Ol finalda kanadaly Denis Şapowalowy 6:3 we 6:4 hasaplar bilen ýeňdi. Bu 21 ýaşyndaky tennisçiniň karýerasyndaky ilkinji ATP çempionlygy boldy.

# TRANSFER TÄZELIKLERI

● Italiýanyň «Ýuwentus» topary birbada 2 futbolçyny transfer etdi. Turinliler PSŽ-niň fransiýaly hüjümçisi Randal Kolo Muanini 50 million ýewro öz düzümine goşdy. 27 ýaşyndaky Kolo Muani 2024/25 möwsüminiň 2-nji ýarymynda «Ýu-




wentusda» kärendesine oýnapdy. Geçen möwsümi «Tottenhamda» kärendesine oýnan Kolo Muani PSŽ-den öň Fransiýada «Nant», «Bulon» hem-de Germaniýada «Aýntraht» toparlarynda çykyş edipdi. Kolo Muani şu wagta çenli klublarda 331 oýunda 95 goly derwezä girizdi.

«Ýuwentus» toparynyň transfer eden 2-nji futbolçysy bosniýaly Kerim Alaýbegowiç boldy. «Ýuwentus» topary 18 ýaşyndaky ýarymgoragçynyň transferi üçin «Baýere» 32+5 million ýewro berdi. Alaýbegowiç 1-nji iýulda «RB Salsburgdan» «Baýere» geçipdi. Lewerkuzenlilerde 1 oýun hem oýnaman «Ýuwentusa» transfer bolan Alaýbegowiç «RB Salsburgda» geçen möwsüm 44 oýunda 13 goly öz adyna ýazdyrdy. Bosniýa we Gersegowinanyň düzüminde Dünýä Kubogynda 1 gol geçiren Alaýbegowiç italýan kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

### «Aýaks» germaniýaly 2 futbolçyny düzümine goşdy

● «Borussiýa Dortmund» bilen şertnamasy tamamlanan germaniýaly ýarymgoragçy Ýulian Brandt karýerasyny Niderlandlaryň «Aýaks» toparynda dowam etdirer. Amsterdamlylar 30 ýaşyndaky futbolçy bilen erkin agent ýagdaýynda 3 ýyllyk şertnama baglaşdylar. Brandt 2014-nji ýylda «Baýerde» futbola başlap, 2019-njy ýylda «Borussiýa Dortmunda» transfer boldy. Ol «Baýerde» 215 oýunda 42, «Borussiýada» 307 duşuşykda 57 gol geçirdi. Soňky gezek 2024-nji ýylda Germaniýanyň milli ýygyndysynda oýnan Brandt 48 oýunda 3 gezek tapawutlandy.

«Aýaks» topary «Barselonanyň» germaniýaly derwezeçisi Mark-Andre ter Ştegeni düzümine goşdy. Amsterdamlylar 34 ýaşyndaky derwezeçi bilen 1 ýyllyk kärendesine şertna-







ma baglaşdylar. Geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «Žironada» kärendesine oýnan Ter Ştegen 2014-nji ýylda «Borussiýa M» toparyndan «Barselona» transfer bolupdy. Ol katalonlaryň düzüminde 423 oýunda meýdança çykdy.

### Salah türk kluby bilen şertnama baglaşdy

● «Liwerpul» bilen şertnamasy tamamlanyp, erkin agent ýagdaýyna düşen müsürli ýyldyz oýunçy Mohamed Salah karýerasyny Türkiýäniň «Trabzonspor» toparynda dowam etdirer. 34 ýaşyndaky futbolçy türk kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Onuň «Trabzonspordan» ýyllyk 17 million ýewro möçberinde hak aljakdygy beýan edilýär. Ol täze klubunda 61-nji belgili köýnekçäni geýer.




Salah karýerasyna ýurdunyň «Al-Mokawlun» toparynda başlap, «Bazel», «Çelsi», «Fiorentina», «Roma» hem-de «Liwerpul» klublarynyň köýnekçesini geýdi. «Liwerpulda» klubuň hem-de «Premier Liganyň» birnäçe rekordyny täzelän Salah klublarda 694 oýunda 334 gol geçirdi. Onuň milli ýygyndyda 121 duşuşykda 68 goly bar.

***

● Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň soňky çempiony «Inter» topary düzümine angliýaly goragçy Jon Stounzy goşdy. Erkin agent ýagdaýynda tölegsiz alnan 32 ýaşyndaky goragçy bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşyldy. Karýerasyna 2010-njy ýylda «Barnsli» toparynyň ýaşlar düzüminde başlan Jon Stounz 2013-nji ýylda «Ewertona» geçýär. Bu ýerde 3 möwsüm oýnap, 2016-njy ýylyň tomsunda «Mançester Sitiniň» oýunçysy bolýar. Şäherlileriň düzüminde 10 möwsüm oýnan Jon Stounz «Premier Ligada» 6 gezek çempionlyk gazanýar.



«Mançester Sitide» jemi 20 kubok gazanan Jon Stounz 2023-nji ýylda Çempionlar Ligasynyň çempiony bolýar. Jon Stounz Angliýanyň ýygyndysynda-da 94 oýunda meýdança çykýar (3 gol).

***

● Ýaponiýaly belli hüjümçi, çep gyraky winger Daizen Maeda karýerasyny britan adasynyň beýleki bir ýurdunda dowam eder. Ol Şotlandiýanyň «Seltik» toparyndan 1 ýyl soň



«Premier Liga» dolanan «Ipswiç Tawn» toparyna transfer boldy. Iňlis topary 28 ýaşyndaky hüjümçiniň transferi üçin şotlandlara 11 million funt sterling tölär. Maeda «Ipswiç Tan» bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Seltikde» 5 möwsüm oýnan Maeda bu klubda 212 oýunda 79 gol geçirdi. Ol «Seltikden» öň ýurdunyň «Ýokohama F. Marinos», «Mito Hollihok», «Matsumoto Ýamaga» klublarynda, şol sanda 1 möwsüm Portugaliýanyň «Maritimo» toparynda çykyş etdi. Maeda Ýaponiýanyň milli ýygyndysynda 30 duşuşykda 5 gol geçirdi.

***

● Angliýanyň «Fulham» topary «Real Madridden» birbada 2 futbolçyny transfer etdi. Londonlylar madridlileriň 2 ýaş oýunçysyny – Gonzalo Garsiýany hem-de Sezar Palasiosy düzümine goşdy. Iki oýunçy bilenem 5 ýyllyk şertnama baglaşylyp, «Fulham» 22 ýaşyndaky hüjümçi Gonzalo Garsiýa üçin ispan toparyna 40+2 million ýewro tölär. Şeýle-de, oýunçynyň indiki transferiniň 30 göterimi madridlilere berler. Iňlisler 21 ýaşyndaky ýarymgoragçy Palasios üçin bolsa 10 million ýewro tölär. Garsiýa «Realda» 51 oýunda 13 gol geçirse, Palasiosa 7 duşuşykda tapawutlanmak başartmady. Garsiýa täze toparynda 7-nji, Palasios 8-nji belgide oýnar.




***

● Tomsuň başynda Žoze Mouriniony gaýtadan tälimçilige bellän «Real Madrid» «Lewanteden» Karlos Espini transfer etdi. 21 ýaşyndaky hüjümçiniň transferi hemmeler üçin garaşylmadyk waka boldy. Hatda oýunçynyň özi hem «Meniň üçin garaşylmadyk waka, birden boldy» diýip, belläp geçdi. «Real Madrid» Espiniň transferi üçin «Lewante» toparyna 25 million ýewro berer. Espi 5 ýyllyk şertnama baglaşyp, ol eýýäm klubuň türgenleşiklerine gatnaşyp başlady. Espi geçen möwsümde «Lewanteniň» düzüminde 27 oýunda 13 gol geçirdi.



«Real Madrid» Espiden öň ispaniýaly Mark Kukurelýany, niderland Denzel Dumfrisi, fransiýaly Ibrahima Konateni, portugaliýaly Bernardo Silwany düzümine goşupdy.

***

● Italiýanyň «Roma» topary «Bolonýadan» argentinaly merkezi hüjümçi Santiago Kastrony 35+2 million ýewro transfer etdi. 21 ýaşyndaky oýunçy rimliler bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Kastro «Bolonýada» 3 möwsümde 105 duşuşyk geçirip, şolarda 22 goly derweze girizdi. «Roma» topary ukrainaly hüjümçisi Artýom Dowbygy «Bolonýa» klubuna 1 ýyllyk kärendesine ugratdy. «Bolonýa» topary 29 ýaşyndaky hüjümçini möwsümiň ahyrynda 20 million ýewro berip, ymykly düzümine geçirip biler. Dowbyk paýtagtlylaryň düzüminde 2 möwsüm oýnap, 63 duşuşykda 20 gol geçirdi. Şeýle-de, «Roma» topary «Wolfsburgyň» 22 ýaşyndaky gresiýaly goragçysy Konstantinos Kulierakisi 18 million ýewro transfer etdi.






# «Milanyň» hem-de italýan futbolynyň rowaýaty oýunçysydy

**Italýan futbolynyň dünýä belli ýyldyzy, «Milanyň» rowaýaty oýunçysy Franko Barezi 66 ýaşynda aradan çykdy. Ol soňky wagtlarda agyr kesel bilen göreşýärdi.**

### 15 ýyllap kapitan bolýar




1960-njy ýylyň 8-nji maýynda Breşiýanyň golaýyndaky Trawaliato diýen obada dünýä inen Barezi 1972-nji ýylda «Milanyň» çagalar toparyna goşulýar. 17 ýaşynda esasy düzümde çykyş edip başlaýar. 22 ýaşynda toparyň kapitany bolup, kapitanlyk bandyny 15 ýyl göterýär. Tutuş karýerasyny «Milanda» tamamlan Barezi 1978-nji ýylyň 13-nji aprelinden 1997-nji ýylyň 28-nji oktýabryna çenli yz üznüksiz 20 möwsüm oýnaýar. Onuň hoşlaşyk duşuşygyna «Milanda» oýnan, şol sanda başga-da birnäçe ýyldyz futbolçylar gatnaşýar. Jemi 719 oýunda meýdança çykan merkezi goragçy şol duşuşyklarda 33 gezek tapawutlanýar, 24 asist edýär.



«Serie A»-da 6 çempionlyk gazanan Barezi «Milan» 2 gezek aşaky liga düşürilendede toparynda galyp, 2 sapar «Serie B»-niň hem kubogyny eýeleýär. Italiýanyň Super Kubogyny 4 gezek asmana göteren Bareziniň oýnan döwründe «Milana» Italiýanyň Kubogyny gazanmak miýesser etmeýär.

UEFA Çempionlar Ligasyny 3 (1989, 1990, 1994), UEFA Super Kubogyny 2, Interkontinental Kubogy 2 gezek gazanan Barezi Italiýanyň milli ýygyndysynda 81 duşuşykda meýdança çykýar. Diňe 1 gezek gol geçiren Barezi 1982-nji ýylda hiç hili meýdança çykmasa-da, Italiýanyň milli ýygyndysy bilen Dünýä Kubogyny gazanýar. 1990-njy ýylda bürünç, 1994-nji ýylda-da kümüş medala mynasyp bolýar. 1994-nji ýylda çempionat başlanyndan soň dyzyndan operasiýa bolandygyna garamazdan, 24 gün soň finalda Braziliýanyň garşysyna oýnan Barezi erjel çykyş etdi. Duşuşygyň soňundaky 11 metrlik urgularda öz urgusyny dürs urup bilmese-de, ol finalyň esasy we goşmaça wagtynyň golsuz tamamlanmagyna saldamly goşant goşýar. Barezi umumylykda 20 ýyllyk karýerasynda 20 kubok gazanýar.

Ähli döwürleriň iň ökde merkezi goragçylarynyň hatarynda görkezilýän Franko Barezi 1989-njy ýylda «Altyn top» ýaryşynda 2-nji orny eýeleýär. Barezi germaniýaly Frans Bekkenbauerden soň iň ökde merkezi goragçy hasaplanýar.








Franko Bareziniň «Milanda» geýen 6-njy belgidäki köýnekçesini onuň futbol bilen hoşlaşmagyndan soň hiç kim geýmesiz edilýär. Häzirki wagtda Paolo Maldininiň hem 3-nji belgili köýnekçesini hiç bir futbolçy geýmeýär (Diňe onuň maşgalasyndan biri geýip biler). Ol futboly taşlanyndan soňam Milan bilen aragatnaşygy hiç haçan kesmeýär. Franko Bareziniň tälimçilik karýerasy o diýen bellärlik bolman, ol belli bir döwürde gysga wagtlyk «Milanyň» ýaşlar toparyny türgenleşdirýär. Toparda ýolbaşçy wezipelerde işleýär. Klubuň ilçisi bolup hyzmat edýär.

Franko Bareziniň agasy Juseppe Barezi karýerasyny tutuşlaýyn diýen ýaly, «Milanyň» köne bäsdeşi «Interde» geçirýär. Iki dogan «Serie A»-da, kubok ýaryşlarynda ençeme gezek garşydaş bolýar. Agasy Juseppe 1971-nji ýylda «Interiň» düzümine goşulyp, 1992-nji ýyla çenli bu ýerde çykyş edýär.

Barezi şu ýylyň başynda Milan we Kortinada geçirilen gyşky Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasynda Juseppe Bergomi bilen alaw göterijileriň biri bolupdy.

Barezini soňky ýoluna ugradyş çäresine onuň hem «Milandaky», hem-de Italiýanyň ýygyndysyndaky topardaşlary, şol sanda ýüz müňlerçe janköýer gatnaşdy

# «Altyn top» baýragyny 2 gezek gazanypdy

**Golaýda iňlis futbolynyň dünýä belli ýyldyzlarynyň biri, «Liwerpulyň» meşhur futbolçysy, şu ýylyň başlarynda düwnük keseline uçran Kewin Kigan 75 ýaşynda aradan çykdy.**

1951-nji ýylyň 14-nji fewralynda Donkaster şäherinde dünýä inen Kewin Kigan 1968-nji ýylda «Skantorp Ýunaýted» toparynda futbola başlaýar.



3 möwsümden soň 1971-nji ýylda «Liwerpula» transfer bolan hüjüme golaý ýarymgoragçy bu klubda 1977-nji ýyla çenli çykyş edýär. «Liwerpulda» 6 möwsümde 3 gezek Angliýanyň çempionlygyny gazanýar. Ilki 2 gezek UEFA Kubogynyň (1973, 1976), soňra 1 sapar Çempionlar Ligasynyň (1977) ýeňijisi bolan Kigan «Liwerpulda» 323 oýunda 100 gol geçirýär.

1977-nji ýylda «Hamburgyň» düzümine goşulyp, «Bundesliganyň» çempionlygyny gazanýar, Çempionlar Ligasynda finala çykýar. Soňra «Southempton», «Nýukasl» hem-de «Bristol Siti» klublarynda oýnap, 1985-nji ýylda 17 ýyllyk karýerasyny tamamlaýar. 1978-nji we 1979-njy ýyllarda «Altyn top» baýragyny gazanan Kewin Kigan klublarda 744 duşuşykda 254 gol geçirýär.

Angliýanyň milli ýygyndysynda 63 duşuşykda 23 gol salan (1972–1982) Kigan «Nýukasl» (1992–97, 2008), «Fulham» (1997–99) hem-de «Mançester Siti» klublaryna tälim berýär.

Angliýanyň milli ýygyndysyny hem türgenleşdiren Kigan «Nýukasla» 2-nji ligada, «Fulhama» 3-nji ligada hem-de «Mançester Sitä» 2-nji ligada çempionlyk gazandyrýar.





# Çempionlar Ligasynda 3-nji saýlama tapgyryň 1-nji oýunlary







UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Horwatiýada ýerli «Dinamo Zagreb» Litwanyň «Kaunas Žalgiris» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollary Zaýs, MakKenna, Lisika, Stoýkowiç hem-de Kaçawenda öz atlaryna ýazdyrdylar. Tapgyryň garaşylmadyk netijesi Wengriýada hasaba alyndy. Serbiýanyň çempiony «Srwena Zwezda» Ysraýylyň «Hapoel Be'er Şewa» toparyndan 1-0 hasabynda asgyn geldi. Şeýle hasap bilen Bolgariýanyň çempiony «Lewski» topary Sofiýada Gazagystanyň çempiony «Kairaty» Seržinionyň 90+2-nji minutda geçiren goly esasynda ýeňdi.

Ermenistanyň «Ararat-Armenia» topary öz meýdançasynda Sloweniýanyň «Selýe» toparyny 2-1 hasabynda utdy. Slowakiýanyň çempiony «Slowan Bratislawa» myhmançylykda Şwesiýanyň çempiony «Mýallbýuny» 2-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Daniýanyň çempiony AGF topary öz meýdançasynda Azerbaýjanyň çempiony «Sabah» toparyny Bogoreniň 32-nji we 63-nji minutlarda geçiren gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňdi.

Çempion däl toparlaryň arasynda «Ýunion Sent-Žilluaz» – «Bude-Glimt» duşuşygynda janköýerler 6 goluň şaýady bolup, oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 1-nji ýarymda 2 gezek öňe geçen «Bude-Glimt» topary oýnuň ahyrynda hasaby deňläp, ýeňlişden halas boldy. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýelerinden Florukz (25, 45+4) bilen Dewid (88), myhmanlardan Berg (20), Blomberg (29 p) hem-de Býortuft (90+1) tapawutlandy.

Türkiýäniň wise-çempiony «Fenerbahçe» topary öz meýdançasynda Awstriýanyň «Şturm Gras» toparyny Talişka hem-de Grinwudyň gollary esasynda 2-0 hasabynda ýeňdi.

Çehiýada «Sparta» topary Fransiýanyň «Lion» toparyndan 2-1 hasabynda üstün çykdy (Rineş 63, Merkado 69 – Suhomel 45 ö.d.). «Olimpiakos» bilen Niderlandlaryň wekili NEK toparynyň arasyndaky oýunda hasap açylmady.

Jogap duşuşyklary 11-nji awgustda oýnalar.

Dinamo Zagreb (Horwatiýa) – Kaunas Žalgiris (Litwa): 5-0
Mýallbýu (Şwesiýa)– Slowan Bratislawa (Slowakiýa): 1-2
Lewski Sofiýa (Bolgariýa) – Kairat (Gazagystan): 1-0
AGF (Daniýa) – Sabah (Azerbaýjan): 2-1
Ararat-Armenia (Ermenistan) – Selýe (Sloweniýa): 2-1
Hapoel Be'er Şewa (Ysraýyl) – Srwena Zwezda (Serbiýa): 1-0
Sparta Praga – Lion: 2-1
Ýunion Sent Žilluaz – Bude-Glimt: 3-3
Olimpiakos – NEK: 0-0
Fenerbahçe – Şturm Gras: 2-0

# «NÝUKASL» TÄLIMÇISINI TÄZELEDI

Arap işewürlik konsersiumynyň eýeçiligindäki Angliýanyň «Nýukasl» toparynyň tälimçisi çalşyldy. Ozalky tälimçi Eddi Howuň öz islegi bilen wezipesinden çekilmeginden soň onuň ornuna germaniýaly Mattias Ýaýssle bellenildi. 38 ýaşyndaky hünärmen 2023-nji ýylyň tomsundan bäri Saud Arabystanynyň «Al-Ahli» toparyny türgenleşdirip gelýärdi. «Nýukasl» topary ýaş tälimçi bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ýaýssle «Al-Ahli» toparynda kluba AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda 2 çempionlyk, şol sanda Saud Arabystanynyň Super Kubogyny gazandyrdy. Ol «Al-Ahliden» öň Awstriýada «RB Salsburg» toparyny türgenleşdirip, bu kluby milli çempionatda 2 gezek çempion edipdi. Awstriýanyň Kubogyny hem gazanan Ýaýssle tälimçilik karýerasyna 2021-nji ýylda 33 ýaşynda Awstriýanyň «Lifering» toparynda başlapdy.

«Nýukasl» toparynyň öňki tälimçisi Eddi How kluby arap maýadarlarynyň satyn almagyndan soň, ýagny 2021-nji ýylda wezipä bellenipdi. Angliýaly hünärmen 5 möwsümde 231 oýunda 112 ýeňiş gazandy, 71 duşuşykda-da ýeňlişe sezewar boldy. «Nýukasl» onuň tälimçiliginde 2 gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşdy.



«Nýukasl» topary şu tomusda Antoni Gordony 80 million ýewro «Barselona», Sandro Tonalini bolsa 108 million ýewro «Tottenhama» ugratdy. Ýakyn günlerde toparyň kapitany Bruno Gimaraýnsyň hem «Arsenala» geçmegine garaşylýar.

# «ÇELSI» TRANSFERDEN DOÝANOK

Angliýanyň çempionaty «Premier Liganyň» öňdebaryjy toparlaryndan «Çelsi» 30-njy iýuldan bäri her gün diýen ýaly bir futbolçyny düzümine goşýar. Mundan öň esasy ýaş futbolçylary transfer edýän «Çelsi» bu gezek 34 ýaşdan geçen oýunçylar bilenem şertnama baglaşdy.

Londonlylar 30-njy iýulda «Kristal Palasyň» fransuz goragçysy Maksens Lakruany transfer etdi. «Çelsi» topary «Kristal Palasa» 26 ýaşyndaky merkezi goragçynyň transferi üçin 60,3 million ýewro tölär. Londonlylar Lakrua bilen 6 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Soşoda» futbola başlan Lakrua 2020-24-nji ýyllarda «Wolfsburgda» oýnady. Londonyň «Kristal Palas» toparynda-da 2 möwsümde 98 oýunda meýdança çykyp, 4 gol geçirdi.





1-nji awgustda weteran hüjümçi «çelsili» boldy. «Çelsi» 35 ýaşyndaky Denni Welbegi düzümine goşdy. «Çelsi» topary angliýaly hüjümçiniň transferi üçin «Braýton» toparyna 5 million ýewro berip, oýunçy bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Mançester Ýunaýtedde» futbola başlan Denni Welbek «Preston Nort End», «Sanderland» klublarynda kärendesine oýnady. «Arsenal», «Watford» toparlarynyň köýnekçesini geýen Welbek 6 möwsümden bäri «Braýton» toparynda oýnap gelýärdi. Ol şu wagta çenli klublarda 525 oýunda 123 gol geçirdi. Welbek iňlis futbolynyň taryhynda «Mançester Ýunaýted», «Arsenal» hem-de «Çelside» oýnan futbolçy bolar.



2-nji awgustda «Çelsi» topary Fransiýanyň «Strasbur» toparyndan argentinaly ýarymgoragçy Walentin Barkony 40 million ýewro transfer etdi. 22 ýaşyndaky oýunçy «Çelsi» bilen 7 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Boka Huniors» toparynda futbola başlan Barkony 2024-nji ýylyň ýanwarynda «Braýton» düzümine goşupdy. «Sewilýa» we «Strasbur» toparlarynda ýarym möwsümden kärendesine oýnan Barkony fransuz kluby geçen tomusda ymykly transfer etdi.

3-nji awgustda «Çelsi» topary Denni Welbekden soň ýene bir weteran futbolçyny düzümine goşdy. Londonlylar 36 ýaşyndaky iňlis ýarymgoragçysy Jordan Henderson bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Erkin agent ýagdaýynda «Çelsiniň» oýunçysy bolan Henderson geçen möwsümi «Braýtonda» geçiripdi. Henderson futbol karýerasyna «Sanderlandda» başlap, az wagtlyk «Kowentri Sitide» kärendesine oýnady. 2011-nji ýylda «Liwerpula» transfer bolan Henderson bu toparda 12 möwsüm çykyş etdi. Ýarym möwsüm Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad» toparynyň köýnekçesini geýen Henderson 1,5 möwsüm «Aýaksda» oýnady.

Tomsuň başynda ispaniýaly Çabi Alonsony tälimçi edip bellän «Çelsi» topary bu oýunçylardan öň «Atalantadan» italiýaly goragçy Marko Palestrany (50 million ýewro), «Strasburdan» niderland hüjümçi Emmanuel Emegany (26 million ýewro), «Sportingden» portugaliýaly ýarymgoragçy Jeowani Kuendany (47 million ýewro), «Aston Willadan» angliýaly ýarymgoragçy Morgan Rojersi (137 million ýewro) transfer edipdi.

Düzüminden 4 oýunçyny ugradan «Çelsiniň» häzirki wagtda futbolçylarynyň sany 50-ä golaýlap gelýär. Şolaryň 15-e golaýy goragçy bolup, toparyň düzümindäki käbir futbolçylary tomsuň ahyryna çenli başga klublara ugratmagyna garaşylýar. Şu wagta çenli «Çelsiden» ispaniýaly goragçy Mark Kukurelýa «Real Madride» (55 million ýewro), angliýaly ýarymgoragçy Taýrik Jorjy «Ewertona» (21 million ýewro), braziliýaly Andreý Santosy «Mançester Ýunaýtede» (56 million ýewro), argentinaly ýarymgoragçy Alehandro Garnaçony «Aston Willa» (kärendesine) ugratdy. «Çelsiden» Timoti Çalobahyň ady «Komo» bilen, Pedro Netonyň ady bolsa «Mançester Siti» bilen agzalýar.



Ýeri gelende bellesek, Angliýanyň futbol federasiýasy «Çelsi» toparyna 2009-2022-nji ýyllar aralygynda oýunçylaryň menejerlerine tölenen töleglerde käbir görkezijileriň görkezilmändigi, şol sanda görkezilmedik tölegler sebäpli jerime bellenipdi. Ýagny 10 million funt sterling jerime salnyp, 2 möwsüm oýunçy transfer etmek gadagan edildi. Ýöne «Çelsiniň» bu jerimä nägilelik bildirmeginden soň, onuň möhleti 2027-nji ýylyň 30-njy iýunyna geçirildi.





## TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## Hormatly talyplar we ene-atalar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, «Talyp karzy» atly bank karzyny hödürleýär.

«Talyp karzy» Türkmenistanyň raýaty bolan ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara degişli okuwyň tölegini tölemek üçin gaýtadan dikeldilýän karz ugry boýunça berilýär.

**Karzyň möçberi:** Okuwyň tölegini tölemek baradaky şertnama laýyklykda ýa-da hasap sypatnamada görkezilen möçberde nagt däl görnüşinde;

**Göterim derejesi:** ýyllyk 5 göterim;

**Möhleti:** 5 ýyla çenli.

Karzyň üpjünçiligi hökmünde girew emlägi ýa-da üçünji tarapyň zamunlygy kabul edilýär.

Hormatly talyplar we ene-atalar! Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Talyp karzyndan» peýdalanmak isleýän müşderileriniň ýüztutmalaryny we degişli resminamalaryny bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasy arkaly onlaýn görnüşinde kabul edýändigini ýatladýar.

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
(+993 12) **44-02-65**, (+993 12) **44-03-04**
Şahamçalarymyzyň salgylaryny we telefon belgilerini bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasyndan alyp bilersiňiz.